Rahman DÖWLETOW

# GÖWÜN GÜZERI

(goşgular)

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2026

UOK 894.361
D 67

**Döwletow R.**
**D 67 Göwün güzeri** (goşgular) – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2026.

Rahman Döwletowyň «Göwün güzeri» atly kitabynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan beýik işlere buýsanç, Watan waspy, halkymyzyň bagtyýar durmuşy çeper wasp edilýär. Şeýle hem kitaba onuň dürli ýyllarda ýazan ynsan ýaşaýşynyň köp taraplaryna degişli durmuşy, söýgi lirikasy we beýleki goşgulary girizildi. Şahyryň many-mazmuna, çeperçilige, pelsepewi pikirlere ýugrulan watançylyk, dostanalyk, ynsanperwerlik ýaly ýokary adamkärçilik duýgulara baý bu şygyrlar kitaby giň okyjylar köpçüligine hödürlenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşigine

TDKP № 15, 2026 KBK 84 Tür 7

© R. Döwletow, 2026

# HALKYŇ ARKADAGLY ZAMANASY

## Döwletli Diýar

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan
Bedew batly at-myradyň mekany.
Derýalary tereň, baglary bossan,
Gün-günden beýgelýär şohraty-şany.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan
Bedew batly at-myradyň mekany.
Sähralary, daglary bar gülüstan,
Beslenýär baýrama, toýa çar ýany.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan
Bedew batly at-myradyň mekany.
Taryhy bar saýrak dillerde dessan,
Topragym mukaddes, päkdir asmany.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan
Bedew batly at-myradyň mekany.
Durkuny guwanja-buýsanja beslän,
Bilimlidir ogul-gyzy wepaly.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan
Bedew batly at-myradyň mekany.
Gülli ýazlaryny bilbil höweslän,
Çar ýany nurana, Hakyň ýalkany.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan
Bedew batly at-myradyň mekany.
Arkadagly Serdar bilen gül açýan,
Görmäge göz gerek eziz Diýary!

# Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany

Buýsanýan adyňa mukaddes Watan,
Dillerde dessandyr şirin mukamy.
Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan –
Bedew batly at-myradyň mekany.

Waspyny sözlesem galamym bilen,
Tarypy tükenmez ýazanym bilen,
Bagşysy, şahyry, ozany bilen,
Dolup-daşyp, saçak ýazan Diýarym.

Tebigatyň artyp gidýär ýagtysy,
Ýaňlananda gopuz, gyjak mukamy.
Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan –
Bedew batly at-myradyň mekany.

Toýa sepleşýändir baýramy-toýy,
Ilimiň asuda, abatdyr öýi,
Bu türkmeniň Hakdan berlen ykbaly,
Geljegi aý-aýdyň, açykdyr ýoly.

Çöllerinde köller, çar ýany bossan,
Arzuwlaryň hasyl bolýan zamany,
Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan –
Bedew batly at-myradyň mekany.

# Arkadagly Serdarym

Döwran dönmüş Watanymyň goýnuna,
Hak nur bermiş ýaz deý açyk göwnüne,
Bedew batly öňe barýan döwrüme,
Ganat berýär Arkadagly Serdarym.

Mylaýym öwüsýän saba ýellere,
Daglar-düzler beslenýändir güllere,
Bir-birinden gözel gelýän günlere,
Zynat berýär Arkadagly Serdarym.

Seret hasyl bolan arzuw-hyýala,
Belent ruhly, toý-baýramly döwrana,
Bahar-ýazly, aýdym-sazly Diýara,
Kamat berýär Arkadagly Serdarym.

Dostlukly gol salýar dünýä, halklara,
Saýlan ýoly mahsus diňe alplara,
Umyt-ynam paýlap teşne kalplara,
Gaýrat berýär Arkadagly Serdarym.

Derýa deýin daşyp ýürek joşguny,
Tarypa sygmaýar her bir hoş güni,
Taryplamda Watanymyň keşbini,
Ylham berýär Arkadagly Serdarym.

# Buýsançnama

Watan waspy dönüp dilde dessana,
Obalar bürenýär gülli bossana,
Arzuwly aýdymlar dolýar asmana,
Halkyň Arkadagly zamanasy bu.

Berkararlyk – buýsanjymyz, bagtymyz,
Eşretinden ýalkanmyşdyr halkymyz,
Parahatlyk dünýä salýar ýalkymyn,
Halkyň Arkadagly zamanasy bu.

Dünýäde beýgelip şöhraty-şany,
Görmedik armanda, gören haýrany,
Dostluga çagyrýar bu gün çar ýany,
Halkyň Arkadagly zamanasy bu.

Asuda asmanda şat guşlar gaýyp,
Hoş owaz edýärler aýdyma laýyk,
Şäherler özgerýär, görki ajaýyp,
Halkyň Arkadagly zamanasy bu.

Mermerli Aşgabat gözeldir çakdan,
Görmäge gelýärler ýakyn-uzakdan,
Alkyş aýdýas Arkadaga ýürekden,
Halkyň Arkadagly zamanasy bu.

# Watan

Alnyndan ak bagtyň Güni dogandyr,
Arkadag Serdarly, Liderli Watan.
Keremli topragyň Hydyr görendir,
Arkadag Serdarly, Liderli Watan.

Türkmenistan, adyň dünýä tanalýar,
Ösüş-özgerişden barha boý alýar,
Agzybir il-günüň bagta boýalýar,
Arkadag Serdarly, Liderli Watan.

Deňsiz-taýsyz şöhratyň bar, adyň bar,
Öňe barýaň, bedew deýin badyň bar,
Ak ýollarda rowaçlyklar bolsun ýar,
Arkadag Serdarly, Liderli Watan.

Ýaşulusy paýhaslydyr, danadyr,
Öwüdi-ündewi wesýetnamadyr,
Ogul-gyzy bilen has görkanadyr,
Arkadag Serdarly, Liderli Watan.

## Köňül senasy

Öz halkyna mähir çogundan doly,
Arkadag Serdarly bagtyýar zaman.
Ýakymy gül açan ýaşyl ýaz ýaly,
Arkadag Serdarly bagtyýar zaman.

Saýlaýar halk üçin ösüşli ýoly,
Gülzara beslenýär ýurduň çar ýany,
Hasyl edýär ýagşy arzuw-hyýaly,
Arkadag Serdarly bagtyýar zaman.

Ynamdyr, ykrardyr, söýgetdir bize,
Çyn gadyr goýýarys paýhasly söze,
Günüň şöhlesi deý nur saçýar ýüze,
Arkadag Serdarly bagtyýar zaman.

Iline yhlasly, Watany söýýän,
Milli Lideri bilen gülleýär eýýam,
Ylham çeşmesidir kalplara dolýan,
Arkadag Serdarly bagtyýar zaman.

# Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ündewi,
Parahat hem agzybir halkymyzyň her güni,
Arkadagdan dowamdyr her senä at dakmagy,
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly.

Parahatlyk ýaňlansyn ajap aýdym-sazyna,
Dost-dogan gujak açýar bütin dünýä ýüzünde,
Güler ýüzli garşy alar türkmen myhman gelende,
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly.

Halklaryň dostlugy getirer bagt älemne,
Parahatlyk hemişe şugla saçar ýoluna,
Ynanmakdan güýç alar ynsan birek-birege,
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly.

Watanym Türkmenistan, gözeldir bagy-bossan,
Arkadagly Serdarly gelendir ajap zaman,
Ak geljegimiz nurana, gursakda bolmaz güman,
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly.

Garaşsyz hem Bitarap Watanym gülläp ösýär,
At-abraý, şöhraty äleme nurun saçýar,
Täze maksatnamalar bagta sary ýol açýar,
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly.

## Arkadag

Watanym, il-günüm diýýär Arkadag,
Halkyny janyndan söýýär Arkadag,
Ýüreklеň urgusyn duýýar Arkadag,
Milli Lidermiziň sag bolsun jany,
Arkadagly Serdar – Watanyň şany.

## Milli Lider Arkadagym, Arkadagly Serdarym

Ýylba-ýyldan arşa galýar Watanymyň şöhraty,
Tutan işi ynamlydyr, mizemezdir binýady,
Ýurdumyzyň bagta sary bedew deý belent bady,
Milli Lider Arkadagym, Arkadagly Serdarym.

Asuda asmanymyz, parahatdyr ilimiz,
Nuranadyr, ýagtydyr saýlap-seçen ýolumyz,
Hakyň ýollan wekili Siz, Güneş bolup çoýduňyz,
Milli Lider Arkadagym, Arkadagly Serdarym.

Dünýäniň çar künjünde parlaýar ýaşyl Tugum,
Mukaddes ar-namysym, baky bagtym, buýsanjym,
Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistan Watanym,
Milli Lider Arkadagym, Arkadagly Serdarym.

## Arkadagly Serdarym

Watanyň şan-şöhraty –
Gahryman Arkadagym.
Halkymyzyň buýsanjy –
Arkadagly Serdarym.

Asuda, dury asman,
Tämiz saba-säherim,
Gün bolup halky çoýan
Arkadagly Serdarym.

Arkadagyň pähminden
Arşa galan Watanym,
Peder ýolun ýöreden
Arkadagly Serdarym.

Hak tagala goldady,
Döwran geldi, türkmenim,
Bize howandar boldy
Arkadagly Serdarym.

Başymyzyň täjidir
Gahryman Arkadagym.
Baky göwher gaşydyr
Arkadagly Serdarym.

## Arkadagly Serdar geldi

Asly halal Mert Gerçegiň,
Dowamaty dowam boldy.
Ýurt başyna Hak halany,
Arkadagly Serdar geldi.

Sözlän sözi göwnejaýdyr,
Sypaýy hem hoşamaýdyr,
Sygynany Hak Hudaýdyr,
Arkadagly Serdar geldi.

Ata ýurduny gülledýän,
Watanyny jandan söýýän,
Milletini bagty saýýan,
Arkadagly Serdar geldi.

Görelde hem mekdep bolup,
Nesillere nazar salyp,
Il-halkyň gadyryn bilip,
Arkadagly Serdar geldi

Her bir işde maslahatly,
Berkarar ýurt bedew batly,
Göwünlermiz ganatlandy,
Arkadagly Serdar geldi.

Milli Lider mähribany,
Dünýä doldy şöhrat-şany,
Ata ýurduň Gahrymany,
Arkadagly Serdar geldi.

# Gahryman Serdar bilen

Dünýäni haýran eden,
Sowulmaz ýazy bilen.
Gelendir ajap zaman,
Gahryman Serdar bilen.

Mermerden ak binalar,
Bu gün dilde senadyr,
Gül Watan şöhrat-şandyr,
Gahryman Serdar bilen.

Diýarym bagy-bossan,
Göwünde bolmaz gussam,
Waspy zybanda dessan,
Gahryman Serdar bilen.

Saba-säher çaglary,
Deňiz, derýa, daglary,
Gözeldir pasyllary,
Gahryman Serdar bilen.

Hak sylamyş illeri,
Bardyr Milli Lideri,
Işlerimiz ileri,
Gahryman Serdar bilen.

Gör, täze Galkynyşy,
Gülläp halkyň durmuşy,
Başa gondy bagt guşy,
Gahryman Serdar bilen.

Göge galkyp göwünler,
Ne ajaýyp döwürler,
Bagtyýardyr ömürler,
Gahryman Serdar bilen.

## Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar

Gün nuryny saçýar bu ajap çaglar,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.
Täze Aý dogan dek, bagtyny buşlar,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

Asuda asmanda durnalar uçar,
Bilbiller güllerde şirin saýraşar,
Bilim bilen ertä ýagty ýol açar,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

Parahat ilim bar, garaşsyz ýurdum,
Bitarap döwletde parlaýar Tugum,
Şägirtdir, ussatdan alýandyr tälim,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

Ýaňlanýar dünýäde türkmeniň ady,
Sowulmaz döwrany, şany-şöhrady,
Mukaddes Watany gülleder baky,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

Ýylba-ýyldan ösýär, özgerýär Watan,
Mizemez, sarsmaz, binýadyn tutan,
Nusgalyk zamanda ak daňy atan,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar.

Arkadag pähminden gurlan Diýardyr,
Dowamaty Arkadagly Serdardyr,
Hak ýollarda size erenler ýardyr,
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar!

# Arkadagdyr

Watanymyz Türkmenistan,
Garaşsyz hem Bitarapdyr.
Asudadyr mawy asman,
Buýsanjymyz Arkadagdyr.

Obalardyr şäherlermiz,
Welaýatlar agzybirdir.
Il-halky bir supra jemlän,
Milli Lider Arkadagdyr.

Paýtagtymyz şugla salan,
Gözellikde nusga bolan.
Mermer binalar galdyran,
Arhitektor Arkadagdyr.

Gijeleri aý-aýdyňdyr,
Gündizleri göwnejaýdyr,
Halk bilen bir ten-u-jandyr,
Guwanjymyz Arkadagdyr.

«Döwlet adam üçindir!» diýip,
Dost-dogana sarpa goýup,
Işler edýäň beýik-beýik,
Ýörelgeli Arkadagdyr.

Şan-şöhratly menzil geçen,
Geljegmize ak ýol açan,
Asudalyk ýolun seçen,
Dana alym Arkadagdyr.

Ilim abat, ýurt abadan
Ýaşasyň gelýä ýaňadan,
Türkmeni dünýä tanadan,
Watanperwer Arkadagdyr.

Bagyşlan ajap zamany,
Halkyň Gerçek Gahrymany,
Hakyň halan mähribany,
Göreldämiz Arkadagdyr.

# Arkadag

Gülläp ösýär Türkmenistan,
Yhlasyň bilen, Arkadag!
Bu gün boldy jennet – mekan,
Paýhasyň bilen, Arkadag!

Danalaryň ýolun tutduň,
Ýaşululura hormat etdiň,
Açdyň täze şäher-kendiň,
Halkyň üçin kän, Arkadag!

Kyn günleri ýeňe-ýeňe,
Watan diýip kasam ede,
Halky ýetirdiň ak daňa,
Diňe öňe ýol, Arkadag!

Bäş welaýat bäş dogandyr,
Bize döwran dolanandyr,
Bagtymyz ýaran bolandyr,
Ykballar gülläp, Arkadag!

Käbä kyldyňyz zyýarat,
Hak işleri edip adat,
Hasyl boldy maksat-myrat,
Gahryman Gerçek Arkadag!

Allam uzak ömür bersin,
Döwlet Tuguň parlap dursun,
Türkmen ili toýa barsyn,
Köp bolsun toýlar, Arkadag!

# Bagt şäherim Arkadag

Köpetdagyň eteginde,
Bina bolan şamçyrag.
Tarypyň durmaz çende,
Bagt şäherim Arkadag!

Guwanjy ýakyn-ýadyň,
Halk saýlap dakdy adyň,
Dünýä doldy şöhradyň,
Bagt şäherim Arkadag!

Gören galdy haýrana,
Görmedik arzuwyňda,
Waspyň doldy çar ýanda,
Bagt şäherim Arkadag!

Ýaýlyp ýatan düz meýdan,
Gör, bu gün jennet mekan,
Şan-şöhradym, mertebäm,
Bagt şäherim Arkadag!

Gözellikde ýok deňi,
Älem-jahan serweri,
Zeminiň göwher-düri,
Bagt şäherim Arkadag!

Öwsüp dagyň howasy,
Akyp dur çeşme-çaýy,
Teşne kalbyň dermany,
Bagt şäherim Arkadag!

Düýbün tutup Arkadag,
Açdy Gahryman Serdar,
Bolsun saňa şöhrat-şan,
Bagt şäherim Arkadag!

# Türkmenistan

Toý lybasyn geýen ülkäm,
Halkymyz bar Alla ýalkan.
Seniň bilen beýnim bekän,
Ata Watan Türkmenistan!

Saba-säher seýran edýän,
Ilim abat, ýurt abadan,
Päkize, asuda asman,
Jennet mekan Türkmenistan!

Ýakyn etdiň daş ýollary,
Dogan etdiň ýat illeri,
Gülzar etdiň giň çölleri,
Türkmen kölli Türkmenistan!

Tomusdyr güýz, gyşyn-ýazyn,
Göm-gök öwser düzüň-dagyň,
Ak altynyň, nebit-gazyň,
Dünýä ýaýran Türkmenistan!

Hazynadyr Köýtendagyň,
Saýa salýar Köpetdagyň,
Uzap gidýär awtobanyň,
Çar tarapa Türkmenistan!

Hazar deňzi tolkun atýar,
Bäş döwletiň başyn çatýar,
Amyderýa joşup akýar,
Şan-şöhradym Türkmenistan!

Beýik döwlet, ajap zaman,
Owazasy dünýä ýaýran,
Tagzym kylar saňa Rahman,
Watanym sen, Türkmenistan!

# Şöhrat

Şükür, bu gün toý toýlaýas,
Geçmişden geljege barýas,
Täze döwür, eýýam gurýas,
Beýik Watanyma şöhrat!

Akyldar, dana Pyragy,
Kän küýsäpdi bu zamany,
Hasyl boldy arzuwlany,
Berkarar döwlete şöhrat!

Saçak ýazyp, supra ýaýan,
Aslyn Oguz handan alan,
Bu gün türkmen döwlet guran,
Agzybir ilime şöhrat!

Zähmet çekip, derin döke,
Watany saýyp mertebe,
Türkmen baýdagyny gökde,
Parladan ilime şöhrat!

Gözelligi dünýä aýan,
Halysy bar – kalbyn ýaýan,
Ginnese ady ýazylan,
Türkmen bedewine şöhrat!

Abraýy jahana dolan,
Garaşsyz, Bitarap bolan,
Sarsmaz döwletini guran,
Türkmen milletine şöhrat!

# Eziz Watan

Ene toprak, dogduk depäm,
Bolmaz seniň ornuň tutan.
Ömür örküm seniň bilen
Örklenendir, eziz Watan!

Bir pursat aýrylsam senden,
Sabyr-takat gaçar menden,
Söýgim artar günbe-günden
Saňa bolan, eziz Watan!

Atam-enem deý mähriban,
Dogduk depäm bagy-bossan,
Sen bir soňlanmajak dessan,
Waspyň etsem, eziz Watan!

Ýaşyl ýaýlaňdyr baglaryň,
Köýtendag, Köpetdaglaryň,
Mawy deňiz, derýalaryň,
Bary ýerbe-ýerdir, Watan!

Boz maraldyr jeren gezen,
Tämiz sähraň gudrat-kerem,
Ojar-sazak bezeg beren,
Garagumly eziz Watan!

## Türkmenistanym

Watanym bürendi toý lybasyna,
Bitaraplyk baýramynyň şanyna,
Dünýä haýran paýhasyňa, aňyňa,
Bitarap döwletim Türkmenistanym!

Dünýäň çar künjünden myhmanlar gelýär,
Diýarymy görüp, haýrana galýar,
Toý toýlaşyp, her kim ýüzüne sylýar,
Bitarap döwletim Türkmenistanym!

Müň dokuz ýüz togsan bäşinji ýylda,
Birleşen Milletler Guramasynda,
Ýüz segsen bäş döwlet goldamagynda,
Bitarap ýurt bolan Türkmenistanym!

Ýüzlerçe döwletden saýlap-seçildiň,
Halkara münberde sözüň geçirdiň,
Göwünleri al-asmana uçurdyň,
Dünýäniň ýüzünde, Türkmenistanym!

Bu gün bizi Ýeriň ýüzi tanaýar,
Türkmenlere hormat bilen garaýar,
Parahatlyk ýoly bilen ýöreýän,
Diňe öňe tarap, Türkmenistanym!

## Watan hakda

Watan, razydyryn senden,
Seň goýnuňda derim dökdüm,
Halal zähmet, söýgim üçin,
Döşüme medaly dakdyň.

Gujagyňda dünýä indim,
Suwuň içdim, duzuň iýdim.
Gullugyňda durup gaýym,
Özüme seň ogluň diýdim.

Öten ata-babalarmyz
Gezdi bagtyň gözleginde.
Bu gün bolsa Türkmenistan
Tanalýar dünýä ýüzünde.

Garaşsyzlyk Tugy parlap,
Dünýä ýüzi biz tarapdyr.
Hiç bir kese garaşly däl,
Erkana hem Bitarapdyr.

Öz ykbalyn özi çözýän,
Sorana maslahat berýän.
«Bar aladam – halkym» diýýän
Arkadagly Türkmenistan!

Ata-ene, Watan birdir,
Keremlidir, mukaddesdir,
Ýaşaýşyň gözbaşy toprak,
Diýar jandan-da ezizdir.

Ine, «Gaýrat» medalyny,
Döşe dakyp sarpaladyň.
Gaýgyrman güýç-gaýratymy,
Seniň bilen arkaly men.

Sen şeýle giň, dünýä ýaly,
Bolmaz hiç Watanyň taýy.
Rahman diýr bagt mesgenidir,
Her kimiň dogduk Diýary.

# Ata Watanym

Ömrümiň manysy, hazyna genjim,
Bu meniň Watanym, ata Watanym.
Geçmişim, geljegim, bagtym, buýsanjym,
Bu meniň Watanym, ata Watanym.

Baýdagynda haly göli ýerleşen,
Şol göllerde bäş welaýat birleşen,
Görüň agzybirlik Tugunyň keşbin,
Bu meniň Watanym, ata Watanym.

Müň dokuz ýüz togsan biriň güýzünde,
Baknalyk döwrüni goýdy düýnünde,
Garaşsyz ýurt boldy dünýäň ýüzünde,
Bu meniň Watanym, ata Watanym.

Müň dokuz ýüz togsan bäşiň gyşynda,
Bitaraplyk aldy juwan ýaşynda,
Saýlandy ýüzlerçe döwlet içinde,
Parahat döwletim, ata Watanym.

Daban ýerin bermen dünýe malyna,
Dözerin janyma, dözmerin oňa,
Buýsanýan gül açan gül Diýaryma,
Garaşsyz, Bitarap ata Watanym.

## Aşgabadym

Dogduk depäm, gözel mekan,
Waspyň edip, ýazsam mukam,
Göwün galkýar göge bakan,
Ak şäherim Aşgabadym!

Aşyklaryň şäherisiň,
Pasyllaryň baharysyň,
Taryh hem bagt säherisiň,
Gadym şäher Aşgabadym!

Bu gün sende ajap çaglar,
Gül gujagyň bakja-baglar,
Ileriňde belent daglar,
Altyn kölli Aşgabadym!

Säher sergin howaň bardyr,
Sende geljek dowam bardyr,
Gijeleriň ap-aýdyňdyr,
Nurly şäher Aşgabadym!

Geçmişiňe edip sabyr,
Gördüň indi ajap döwür,
Sende geljek, röwşen ömür,
Baky şäher Aşgabadym!

Binalaryň misli ak guw,
Ýollaryň ak, işleriň şow,
Görmedikler eder arzuw,
«Görsem» diýip, Aşgabadym!

Seýilgähde edip seýran,
Gözellige boldum haýran,
Taryp-waspy dünýä ýaýran,
Jana şypa, Aşgabadym!

## Watanymdan aýyrma

Eý, beýik Biribarym,
Senden etjek dilegim:
Göbek ganym damanym –
Watanymdan aýyrma.

Mukaddes toprak – şanym,
Eziz Diýar – yhlasym,
Hem arym, hem namysym –
Watanymdan aýyrma.

Ene-atam – görenim,
Dilsizkäm, dil berenim,
Dogduk depäm – keremim –
Watanymdan aýyrma.

Ýat illere gitmäýin,
Öz ilimden ötmäýin,
Watan zaryn çekmäýin,
Jan-u-tenden aýyrma.

Çekdirmegin armany,
Dertlerimiň dermany,
Ýalkar bolsaň Rahmany,
Watanymdan aýyrma.

## Watana söýgi

Oguz handan gaýdan pähim-paýhasy,
Halallygy, ar-namysy – baýdagy.
Hasyl bolup ähli diýen-aýdany,
Türkmen sözi türki iman diýmekdir.

Haramy seljerip, halal iýýändir,
Zenanlary ajap lybas geýýändir,
Watanyny jan-u-dilden söýýändir,
Türkmen diýmek asly nurdan diýmekdir.

Merdi-merdan, asyl arkasy bardyr,
Taryh içre taryp, sarpasy bardyr,
Oguz, Görogly hem Gorkudy bardyr,
Beýik ýoly nesle nusga goýmakdyr.

Türkmen diýmek Oguz nesli diýmekdir,
Namardy näletläp, merde uýmakdyr,
Sözi polat, lebzi halal bolmakdyr,
Iň beýik zat Watanyňy söýmekdir.

Geldi täze zaman, bir ajap döwür,
Ak guş dek asmanda uçup ýör göwün,
Diýaryň bagtyna guwanýas bu gün,
Uly ykbal Watanyňy söýmekdir.

# WATAN WASPY

## Soňlanmajak söýgi

Dal bedewler toýnuk gurar üstüňde,
Ajaýyp aýdymlar dörär waspyňda,
Aňyrsy ak nurdan gaýdar, aslynda,
Nurana Diýara söýgim soňsuzdyr.

Baýdak deýin goran namys-aryny,
Kemala getiren türkmen ärini,
Zenandy ýyladan öýüň törüni,
Mukaddes topraga söýgim soňsuzdyr.

Türkmeniň gadymdan göwne besläni,
Ýaz ýalkymly ýürekleriň dessany,
Görkünden bezeýär tämiz asmany,
Ýaşyl Tugumyza söýgim soňsuzdyr.

Bagtyýarlyk döwrüň her bir pursady
Ylham bolup joşduryp dur gursagy,
Durnaly düzleri ýaşyl maýsaly,
Eziz Watanyma söýgim soňsuzdyr.

Görmedigem haýran, görenem  haýran,
Gözleriň dokunýar garasaň her ýan,
Aý-aýdyň geljege ynamly barýan
Agzybir ilime söýgim soňsuzdyr.

Şat döwran getiren eziz Diýara,
Gül-gunça bitiren bu gün çar ýana,
Parasatly Arkadagly Serdara
Ýüregimde alkyş, söýgim soňsuzdyr.

## Watandyr

Sylagy bar, söz ýetmez,
Taryhy bar gözýetmez,
Keşbi ýürekden gitmez,
Bu ýeke-täk Watandyr.

Ömürleň örki bolan,
Köňülleň görki bolan,
Ili parahat bolan,
Ak säherli Watandyr.

Dünýä aýlansaň, gezseň,
Ýag iýip, ýüpek geýseň,
Hergiz hossar küýseseň,
Deňsiz-taýsyz Watandyr.

Towşana dogduk depe,
Goýnunda döwran-sapa,
Il-güni eşret tapan,
Bahar-ýazly Watandyr.

Hak bermiş bu Diýary,
Arkadagly Serdary,
Döret, güllet çar ýany,
Baky durjak Watandyr.

# Bitarap Türkmenistan

Toý saçagny gatlaýan,
Türkmen ilim gutlaýan,
Sende baky şöhrat-şan,
Bitarap Türkmenistan!

Dünýäni haýran eden,
Elýetmez bagta ýeten,
Halky bilen toý tutan,
Bitarap Türkmenistan!

Sowulmaz bahar-ýazly,
Soňlanmaz söhbet-sazly,
Arkadagly Serdarly,
Bitarap Türkmenistan!

Baýram edip toý tutýar,
Ýürekler gaýnap-joşýar,
Geljege ak ýol açýar,
Bitarap Türkmenistan!

Bäş welaýat – bäş dogan,
Berkarar döwlet bolan,
Arkadagly Serdar bilen,
Bitarap Türkmenistan!

## Diýarym ösüş ýolunda

Aýry zadym ýok Watandan,
Söýýärin jan bilen tenden,
Rowaçlanyp günbe-günden,
Diýarym ösüş ýolunda.

Düzleri bar, daglary bar,
Bakjalary, baglary bar,
Şat döwranly çaglary bar,
Diýarym ösüş ýolunda.

Ilimiziň toýlarynda,
Gazan gaýnar öýlermizde,
Bagt ýurt tutundy  munda,
Diýarym ösüş ýolunda.

Rowaç ýollaryň rowany,
Barha artýar şöhrat-şany,
Ata-babalar mekany,
Diýarym ösüş ýolunda.

## Türkmenimiň tebigaty

Deresi bar goja dagly,
Ýaýlasy bar ýaşyl bagly,
Çöl, sähraly, çeşme-çaýly
Türkmenimiň tebigaty.

Myhman gelerler uzakdan,
Ýasalan ýaly ýürekden,
Ýalkanandyr ozal Hakdan
Türkmenimiň tebigaty.

Seýrana çyksaň, em ýaly,
Howasy bar melhem ýaly,
Bir mähriban ene ýaly
Türkmenimiň tebigaty.

Galam alsaň, şahyr eder,
Aşyk bolsaň, Tahyr eder,
Ýerdäki jennet diýdirer
Türkmenimiň tebigaty.

# Diýarym

Gül büрän baglarda guşlar saýraşyp,
Kalba ylham berýär ajap sazlaşyk,
Toý yzyna toý tutulýar tirkeşip,
Goýny dabaraly eziz Diýarym.

Halkymyzyň däp-dessury, sungaty,
Asyrlardan alyp gelen gymmaty,
Mertebesi beýik, artýar hormaty,
Arkadag Serdarly eziz Diýarym.

Ak arzuwly, aýdyň ýoluň ýalkymy,
Ösüşlere besleýändir halkyny,
Topragymyz eçilip dur altyny,
Berekediň egsilmezdir, Diýarym.

Oguzlaryň ak öý diken mekany,
Dutarynda ýaňlanandyr mukamy,
«Döwlet adam üçindir» baş şygary,
Tarypyň soňsuzdyr, eziz Diýarym.

## Bereketli topragym

Şükürim kän berkararlyk çagymdan,
Kalbym ýylap, Güneş dogsa çogundan,
Ine-gana içip Jeýhun suwundan,
Rysgal joşýar bereketli topragym.

Bol hasyl biýr miweleriň terinden,
Gymmatdyr bahasy dünýäň düründen,
Daýhan azabyndan, maňlaý derinden,
Dolup-daşýar bereketli topragym.

Siňdirer pasyllaň ýagyşyn-garyn,
Türkmene bagyşlap hazyna baryn,
Gül zamanda ösüşine Diýaryň,
Goşant goşýar bereketli topragym.

Alkyş aýdýas Arkadaga ýürekden,
Saçagymyz doly nygmat, çörekden,
Öňem, soňam gerekli sen, gerek sen,
Köňül joşdyr bereketli topragym.

# Guwanjym Watan

Keremlidir bu ýerler,
Önüp-ösdüm munda men,
Güneşi altyn-zerden,
Ýüze sylýan günde men.

Ne ajaýyp durnalaň
Toýnuk gurap geçmesi.
Tenekardyr durnagöz,
Sowuk suwly çeşmesi.

Ak ýollary abadan,
Nuranadyr her güni.
Synlap doýman owadan
Baglarynyň ter gülün.

Döwür bilen deň gopýan,
Ýürekde ne gaýgym bar.
Mährinden ylham tapýan
Watanyma söýgim bar.

## Aşgabadyň gijeleri

Uz ýaraşyp daglar bilen,
Görki artýar baglar bilen,
Bu bagtyýar çaglar bilen,
Jadylap sämedýär seri
Aşgabadyň gijeleri.

Dolandy döwletli döwran,
Arzuwlanan ajap zaman,
Şahyr «guş dilde» saýraýar,
Bihuş eder ylham seri,
Aşgabadyň gijeleri.

Mermerli, beýik binaly,
Diýdirýär şäher hyýaly,
Ýyldyzlaň düşelen ýeri,
Aşgabadyň gijeleri.

## Watan goýnunda

Sährasynda seýil-seýran,
Gül goýnunda döwlet-döwran,
Höwes eýläp çyksam çar ýan,
Buýsançly başlary görýän.

Gündiz ýaly gijeleri,
Ýagty, tämiz köçeleri.
Parasatly gojalary,
Kemally ýaşlary görýän.

Sergin saba-säherleri,
Söýgä gaplaýar serleri.
Ter gunçaly baharlary,
Ak garly gyşlary görýän.

Dostana, bagtyýar ili,
Her günümiz şatlyk doly,
Bagt getirýär aýdyň ýoly,
Kalplarda joşlary görýän.

## Eziz Watanym!

Bu halkyň maksady agzybirlikdir,
Garaşsyz Watanym, Türkmenistanym!
Owal-ahyr bagtyň Hakdan berlipdir,
Garaşsyz Watanym, Türkmenistanym!

Dünýäň dört künjüne ýaň salýar türkmen,
Bäş müň ýyl taryhy çözleýär  türkmen,
Egsik däl zynaty, jenneti görkden,
Garaşsyz Watanym, Türkmenistanym!

Dostlugy saýladyk, bagta ýetdik biz,
Şanly hem şöhratly toýlar tutduk biz,
Ata-baba arzuwmyza ýetdik biz,
Garaşsyz Watanym, Türkmenistanym!

# Watanym

Arkadagym – ak şäher,
Deňi-taýy ýok şäher,
Howasy melhem şäher,
Seň goýnuňda Watanym.

Ýyllara gadam urýaň,
Öňe sary bat alýaň,
Jahan içre ýaň salýaň,
Gülläp ösýän Watanym.

Aýna ýaly giň ýollar,
Belent başly binalar,
Kölegesi penalar,
Seň goýnuňda Watanym.

Bäş welaýat – bäş dogan,
Il abadan, ýurt aman,
Gelendir ajap zaman,
Türkmenistan Watanym.

## Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan

Watanyňy söýmek – kyblaňy söýmek,
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan.
Topragyňy söýmek – käbäňi söýmek,
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan.

Owal-ahyr biz bir enäň balasy,
Enä kese baksaň, tutar nalasy,
Hem pederiň, hem perzendiň namysy,
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan.

«Ýaryny ýitiren ýedi ýyl aglar,
Ýurduny ýitiren ölinçä aglar»,
Pederlerden miras galan bu sözler,
Goýnuňda gül açyp, gülleýär çaglar,
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan.

Öz ilin terk eden ýat ilde san bor,
Iýeni awudyr, içeni gan bor,
Adamda bir Watan hemem bir jan bar,
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan.

Tugundan tanalar iliniň ýüzi,
Ýaşulusy, aksakgaly goýazy,
Tarypyňa ýetmez şahyryň sözi,
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan.

# Baýdagym

Güneşli Diýarda Aý, ýyldyz dogşun,
Dünýä ýaýyp türkmen halkynyň nagşyn,
Arassa asmanda parlaýan ýaşyl
Baýdagymyz – halkymyzyň buýsanjy!

Türkmeniň egsilmez şöhraty-şany,
Görki bilen guwandyrýar ynsany,
Garaşsyzlyk, Bitaraplyk nyşany,
Baýdagymyz – halkymyzyň buýsanjy!

Ata-baba asly halal duzundan,
Gönezligi ojagyndan, dulundan,
Binýat boldy sap zähmetiň nurundan,
Baýdagymyz – halkymyzyň buýsanjy!

Şabram kakyp köňülleriň taryna,
Şan goşýar Watanyň şöhrat-şanyna,
Sazlaşyp ýazlara, bütin barlyga,
Baýdagymyz – halkymyzyň buýsanjy!

Asmany asuda, Güneşi nurly,
Zemini parahat, bereket – barly,
Gözel illi, Arkadagly Serdarly,
Baýdagymyz – halkymyzyň buýsanjy!

# Buýsançnama

Asyrlardan aklyk alan aslymyz,
Rysgal-bereketdir ähli paslymyz,
Dünýä döwletleri dogan-dostumyz,
Mübärek ilimiň seýil-seýrany,
Garaşsyzlyk – döwrümiziň döwrany!

Asuda säherler ak nurun saçyp,
Guşlar päk asmanda erkana uçup,
Obalar, şäherler bagtyny guçup,
Şatlyk-şowhun halkymyzyň görýäni,
Garaşsyzlyk – döwrümiziň döwrany!

Türkmen aga owal hakdan ýalkanyp,
Ýolumyza düşýär nurly ýagtylyk,
Göwnümiz gün-günden göge galkynyp,
Ýada salýar dolup-daşýan derýany,
Garaşsyzlyk – döwrümiziň döwrany!

Zähmetkeş daýhanda döredip höwes,
Altyn önýän topragymyz mukaddes,
Baharlarda baglar bürenýär begres,
Gül görkünden guwandyryp çar ýany,
Garaşsyzlyk – döwrümiziň döwrany!

Garaşsyzlyk, Bitaraplyk saýasy,
Abadanlyk asman-zemin arasy,
Taryply türkmeniň toýly ýaýlasy,
Haýran edýär deňsiz-taýsyz dür ýaly,
Garaşsyzlyk – döwrümiziň döwrany!

## «Hakyda göwheri»

Durşy bilen paýhas, durşuna many,
Her setiri çuňňur mazmuna baýdyr.
«Hakyda göwheri» Arkadagymyzyň
Bagtyýar halkyna ruhy serpaýdyr.

Kitapda görünýär Magtymgulynyň,
Dana sözleriniň gadyr-gymmaty.
Bu kitap hemrasy uly-kiçiniň,
Asyrlar aýlansa, artar hümmeti.

Bu türkmeniň meşhur ogullarynyň
Dünýä ösüşine eden täsiri,
Açylar taryhyň müň dürli syry,
Bu kitaba guwanmajak nähili?!

Guwanjymyz goşalanýar gün-günden,
Okap mazmunyny dür hazynanyň,
Arkadaga alkyş aýdýas ýürekden,
Diýýäs ömrüň zyýat, sag bolsun janyň!

Aýandyr dünýäde külli äleme,
Arkadagymyzyň akyl jöwheri,
Gaýtalap-gaýtalap okamak gerek,
Il guwanjyn, bu «Hakyda göwherin».

# Türkmen gyşy

Ak dona besläp daglary,
Ýaza taýynlar baglary,
Rysgaldyr ýagyş-garlary,
Gör, nurana türkmen gyşy.

Gündiziň möhleti kemdir,
Uzyn gijeler ylhamdyr,
Tämiz howasy melhemdir,
Şahyra yşk türkmen gyşy.

Baglaryň düşen ýapragy
Dökünlär mele topragy,
Dem alýar zemin kükregi,
Geleninde türkmen gyşy.

## Nusgalyk kitap

Arkadagly Gahryman Serdarymyz
Bize peşgeş berdi täze kitaby.
Bu nusgalyk kitap – taýsyz gollanma,
«Magtymguly – dünýäniň akyldary».

Gymmatlydyr bu kitabyň hümmeti,
Saýraýar çar ýanda türkmen dutary,
Dünýä ýaýýar çeper sözüň gymmatyn,
«Magtymguly – dünýäniň akyldary».

Ruhy lezzet berýär, kalbyňa ganat,
Paýhasa ýugrulan, manydan doly,
Geçmişe, geljege aýlaýar seriň,
«Magtymguly – dünýäniň akyldary».

Okasaň ornaýar, siňýär ýürege,
Ata-baba arzuwlarnyň wysaly.
Ýalkymly nuruny çaýýar ýüzlere,
«Magtymguly – dünýäniň akyldary».

# BAGTYÝARLYK NAGMALARY

## Şat durmuş

Pendi ata-babalaň –
Sabyr eden şat bolar.
Baýram munda, toý munda,
Şat durmuşyň goýnunda.

Asly döwletli Diýar
Boldy baky berkarar.
Türkmeniň ak bagty bar
Şat durmuşyň goýnunda.

Aýlanýar günler, aýlar,
Akyp dur çeşme-çaýlar,
Toýlanýar toý-baýramlar
Şat durmuşyň goýnunda.

Ümmülmezdir bossany,
Ulus-iliň dessany,
Tapdy türkmen kemaly
Şat durmuşyň goýnunda

## Täze ýyl goşgusy

Şatlyk dolýar ilime,
Sen geleňde, Täze ýyl.
Aklyk ýagýar ýoluma,
Sen geleňde, Täze ýyl!

Arça öýe bezegdir,
Yşyklary gözeldir,
Dünýä şeýle hezildir,
Sen geleňde, Täze ýyl!

Aýlanyp düze-daga,
Garpamyk, Aýazbaba,
Sowgat paýlar her çaga,
Sen geleňde, Täze ýyl!

Towşanjyk dek bökdük biz,
Ýaşyl arça bakdyk biz,
Oňa jäjek dakdyk biz,
Sen geleňde, Täze ýyl!

Galkynar göwün guşy,
Sowgatly ýylyň başy,
Dolar saçagyň başy,
Sen geleňde, Täze ýyl!

## Owadan

Bu gün ilim toý toýlaýar,
Eşret derýasyn boýlaýar,
Täze döwür, eýýam gurýan
Agzybir iller owadan.

Ak daňlar asuda atýar,
Güneş bagt bolup bakýar,
Arzuwlar wysala ýetýär,
Bu gözel ýyllar owadan.

Saçak ýazyp, supra ýaýmak,
Dessurdyr myhmany söýmek,
Pederleň pendine uýmak,
Parz bolan ýollar owadan.

Elinde ýaşyl Baýdagy –
Halkyň mukaddes saýdygy.
Ýürekden dörän aýdymy
Saýraýan diller owadan.

Döwlet tapar ili goldan,
Arkadag – serpaýy Allaň,
Adyna alkyşdan güllän,
Solmaýan güller owadan.

## Sportumyz

Gün-günden belende galyp,
Dünýäde at-abraý alyp,
Nesillere nusga bolup,
Ösüp barýar sportumyz.

Baýdagymyz ulus-illerde,
Parlaýar güýçli gollarda,
Bu ýeňişli menzillerde,
Ösüp barýar sportumyz.

Saglyga çagyr ynsany,
Artar ýene şöhrat-şany,
Ak ýol bilen öňe sary,
Alyp barýar sportumyz.

Galkynyşly ajap döwri,
Şat durmuş uzaldýar ömri,
Güýjünden gülledip göwni,
Açyp barýar sportumyz.

## Zenanlar baýramy

Şahyra berilse sözüň gezegi,
Zenan diýer ylhamymyň ezeli,
Öýüň, toýuň, ähli zadyň bezegi,
Dünýäň dowamaty bolan zenanlar.

Saçagňa bereket, öýüňe eýe,
Günüňe goldawdyr, ýaraşyk toýa,
Kalbyňa ylhamdyr, özüňe söýe,
Gözbaşyn edepden alan zenanlar.

Halkara baýramda gül açdy ýazlar,
Şanyňyza bu gün gutlagly sözler,
Aýdyldy aýdymlar, çalyndy sazlar,
Edepli-ekramly, mährem zenanlar!

Köňül buýsanjymyz bu ajap zaman,
Toý lybasyn geýýär, şat bolup ülkäm,
Baýrama beslenýär, ýaňlanýar mukam,
Tüýs ýürekden gutlap sizi, zenanlar.

## Ene mähri

Balasyn üwrär elleri,
Şirin hüwdülär dilleri,
Adamzada menzilleri
Aşdyryp ýör ene mähri.

Soňlanmaz alkyş, dessany,
Beýikdir şöhraty-şany,
Ýagşylygy derýa ýaly
Daşdyryp ýör ene mähri.

Eneler – başlaryň täji,
Sözlän sözi baldan süýji,
Güýjümize ýene güýji
Gowşuryp ýör ene mähri.

Ýakyn edip uzaklary,
Hemmeleriň gerekleri,
Ylham berip, ýürekleri
Joşduryp ýör ene mähri.

## Bu bagtyýar günler, bu toýly günler

Kalbyňy joşduryar, heýjana salýar,
Bu bagtyýar günler, bu toýly günler.
Owadan durmuşda ýaşasyň gelýär,
Bu bagtyýar günler, bu toýly günler.

Türkmen ili toý lybasa bürenen,
Ýygnandy ýakynlar, dostlar-doganlar,
Sagyň-soluň, çar tarapyň bezelen,
Bu bagtyýar günler, bu toýly günler.

Şatlyk-şowhunymyz asmana galýar,
Alysdan arzyly myhmanlar gelýär,
Agzybir ilimiz ýüzüne sylýar,
Bu bagtyýar günler, bu toýly günler.

Toýuň görki ajap aýdym-sazy bar,
Göwnüň açýan özboluşly näzi bar,
Maýyl edýän pasly – bahar-ýazy bar,
Bu bagtyýar günler, bu toýly günler.

Ýatdan çykmaz, ýatda galar bu günler,
Dowam eder ösüp gelýän nesiller,
Kerwen gurap, ösüş paýlaýar ýyllar,
Bu bagtyýar günler, bu toýly günler.

## Beýik Pyragy

Meşhur ady dünýä içre ýaýylan,
Eserleri Jemşit jamy saýylan,
Çyn bagbany şygryýetiň bagynyň,
Türkmeniň buýsanjy beýik Pyragy.

Her sözi öwütdir, hersi bir many,
Arzuwlap ötüpdir ajap zamany,
Bu gün artyp barýar şöhraty-şany,
Türkmeniň buýsanjy beýik Pyragy.

Sözüň bilen goýduň öçmejek yzy,
Aýdym bolar goşgy ýanasaň sazy,
Hiç mahal synmajak paýhasyň dagy,
Türkmeniň buýsanjy beýik Pyragy.

Şygyrlarňy okap-okap her daýym,
Mizemezdir halka beren serpaýyň,
Sarpaň götär Arkadagly Serdarym,
Türkmeniň buýsanjy beýik Pyragy.

## Ýaz

Bilbil buşlap saýrady,
Ýürek joşup gaýnady,
Tebigatyň baýramy,
Gül-gunçalap, ýaz geldi.

Pasyllaryň ajaby,
Gülälekli gujagy,
Naz-nygmatly saçagy
Giňden ýazyp, ýaz geldi.

Göwnüň açar şemaly,
Joşdurar gül jemaly,
Süýjedip söz, kelamy,
Şygra salyp, ýaz geldi.

Ene toprak oýanyp,
Meýdan elwan boýanyp,
Gül Diýara guwanyp,
Bagt bolup, ýaz geldi.

## Nowruz geldi

Nurun saçyp äleme,
Bahar geldi, ýaz geldi,
Bilbiller owaz edip,
Ilime Nowruz geldi.

Ýazyň ýagşy ýagyp dur,
Ýere rysgal siňip dur,
Göwünlere paýlap nur,
Ilime Nowruz geldi.

Gümmür-gümmür ses edip,
Asman depregin kakyp,
Tomus, güýz, gyşy geçip,
Ülkäme Nowruz geldi.

Al-elwan güller açyp,
Hoşboý ysyny saçyp,
Guş-gumrular saýraşyp,
Ilime Nowruz geldi.

Toý bu gün, baýram bu gün,
Çözülsin kine-düwün,
Toýda açylsyn göwün,
Ülkäme Nowruz geldi.

## Ýaz ylhamy

Çür başynda ajap döwrüň
Çar tarapa edip öwrüm,
Ýakymy göterdi göwnüm,
Säheriň sergin şemaly.

Kakyp kalplaryň taryna,
Bilbil joşýar gülzaryna,
Duşýar dünýäň didaryna
Bossan-baglaryň jemaly.

Garagumuň giň gollary,
Göýä halynyň gölleri,
Egleýär aşyk gözleri
Seleň sähranyň reýhany.

Çogýan çeşme ýaly çasly,
Ylham berýär bahar pasly,
Okan ýaly bolýan misli,
Duýgudan doly dessany.

## Bahar geldi

Duman büräp daglary,
Gülledip bar baglary,
Alkyşlap hoş çaglary,
Bahar geldi Diýara.

Kalplaryň kanagaty,
Göwünleriň ganaty,
Dagyň-düzüň zynaty,
Bahar geldi Diýara.

Meger, mähirden asly,
(Söýmeýän ýok bu pasly),
Aýdymdyr ajap waspy,
Bahar geldi Diýara.

Dünýä lälezar bolup,
Berekede ýar bolup,
Gökden inen nur bolup,
Bahar geldi Diýara.

## Diýar

Waspyňy ýazaryn hökman,
Çünki saňa bagly ykbal,
Gursagymdan gaýnap çykýan
Aýdym-sazym – dogduk Diýar!

Döwrümiň daýanjy durkuň,
Gözleriň guwanjy görküň,
Özüňdedir ömür örküm,
Ýaşyl ýazym – dogduk Diýar!

Çasly çeşmäniň çogmasy,
Ýazda ýagmyryň ýagmasy,
Bagynda bilbil nagmasy,
Hoş gülzarym – dogduk Diýar!

Ugrum uzasa uzaga,
Duýgym düşen deý duzaga,
Ýatlanymda, ýaş ýürege
Kararym sen, dogduk Diýar!

Zamanaň zynaty – keşbiň,
Göwnümiň ganaty – keşbiň,
Owal-ahyr sende yşgym,
Herne barym, dogduk Diýar!

## Bedewler

Ýyldyrym deý ýyndam çapar,
Bäsleşse arany açar.
Çapsa, diňe öňe çapar
Ahalteke bedewleri.

At üstünde gaýgy bolmaz,
Ýola çyksaň, ýolda goýmaz,
Toýdan ýeňişsiz dolanmaz.
Ahalteke bedewleri.

Dünýä ýüzünde tanaldy,
Dünýäde ady ýazyldy,
Ahalteke ady belli,
Ahalteke bedewleri.

Gyratyň ar-namysy bar,
Duýgurlygy hemmä äşgär,
Hem dostuňdyr, hem-de hossar
Ahalteke bedewleri.

Gör-ä, bagtly ykbaly,
Gözelligniň ýokdur çägi,
Aýlawlarda bolmaz taýy,
Ahalteke bedewleri.

Atańdan soň atyň görseň,
Salam berer, salam berseň,
Hossardyr gardaş küýseseň,
Ahalteke bedewleri.

## Toýlaryň bezegi

Türkmen toýlarynda bezege dönen,
Atadan soň görmek adata dönen,
Aýlawlarda goşa ganata dönen,
Bedew buýsanjymyz bagtyýar ilde.

At agynan ýerde toý bolar diýlen,
Ugruna dünýäniň baýlygy goýlan,
Ar-namysa deňäp, ezizläp söýlen,
Bedew buýsanjymyz bagtyýar ilde.

Eýesiniň eý göreni, daýanjy,
Mydam bitin öz atyna ynanjy,
Egsilmeýär oňa halkyň guwanjy,
Bedew buýsanjymyz bagtyýar ilde.

Nury bilen besläp çyksa çar ýany,
Ýellere ýetdirmez çapsa her ýany,
Gadymdan türkmeniň şöhraty-şany,
Bedew buýsanjymyz bagtyýar ilde.

Görmek üçin uzaklardan gelerler,
Gözelligne berekella bererler,
«At – myrat» diýipdir dana pederler,
Bedew buýsanjymyz bagtyýar ilde.

Häzirki ajaýyp zamany bilen,
Asuda zemini, asmany bilen,
Şanyna soňlanmaz dessany bilen,
Bedew buýsanjymyz bagtyýar ilde.

# Tylla toprak

Ak garlaryň ýagmasyndan,
Baharlaryň çabgasyndan,
Bilbilleriň nagmasyndan
Güle dönüp, gülýär toprak.

Ak bugdaýyň doly başyn
Görseň, artýar göwün hoşuň,
Asmandaky ak Güneşiň
Çogundan güýç alýar toprak.

Hazynasynyň hümmeti,
Gutarmaz gadyr-gymmaty,
Eçilip nazu-nygmaty,
Daýhan göwnün bilýär toprak.

Bagt getirip günler-aýlar,
Üstünde tutulýar toýlar.
Ene deýin hormat goýlup,
Taryplanýar tylla toprak.

# Ýürek joşgunym

Ata-baba ençe asyr
Arzuwlany boldy hasyl.
Ata ýurduň parlak ýaşyl
Tugundan joşýar ýüregim.

Dag-düzler dönüp güllere,
Ylham eçilýär kükrege,
Aýyň, Günüň bu topraga
Çogundan joşýar ýüregim.

Hak nazar salan owaldan,
Munda ähli zat owadan,
Agzybir iliň abadan
Çagyndan joşýar ýüregim.

Saçak ýazyp, myhman alar,
Görenler hyrydar bolar,
Diýarymyň dünýä dolan
Şanyndan joşýar ýüregim.

# Şirin owaz

Tara dil bitipdir, meger,
Süňňüň yzlar damar-damar,
Ruhuň jadylap ýaňlanar,
Dutaryň şirin owazy.

Başyň ýaýkap ikiýana,
Ylham geler, güýç biýr jana,
Şypa – melhem gözleýäne,
Dutaryň şirin owazy.

Pederleriň yhlasy bar,
Asyrlaryň senasy bar,
Gyzamykda hemaýatkär,
Dutaryň şirin owazy.

Kakaňdan soň goşa tary,
Sazdyr duýgynyň owazy,
Sen türkmeniň şöhrat-şany,
Dutaryň şirin owazy.

## Ak arzuwlar

Biziň ile myhman geler messana,
Taryplasam, waspy sygmaz dessana,
Päk ýürekden ýol ýasaýar asmana
Ak arzuwlar jahan ýagtylan çagy.

Ýagşy niýet ata-baba ynanjym,
Edepli nesiller gözde guwanjym,
Ýürekde joşgunym, başda buýsanjym,
Ak arzuwlar jahan ýagtylan çagy.

Tenekardyr ak säheriň her demi,
Tebigatyň bize berýän melhemi,
Jadylaýar joşduryp bu ylhamy,
Ak arzuwlar jahan ýagtylan çagy.

Säheriň yşgyna guşlar seslener,
Säheriň yşgyna zemin beslener,
Ýüregiň dilinde arşdan islener,
Ak arzuwlar jahan ýagtylan çagy.

# Danalaryň pähimi

Ýag ýaly siňipdir ynsan ýüregne,
Durmuş ýollarynda ýagşy ýörelge,
Haýyr işde hemmämize görelde,
Akyla, nakyla öwrülen pähim.

Nesillerden nesillere yhlasy
Geçip gelýär, bolmaz asla yrýasy,
Kalplaryň suwarýan paýhas derýasy,
Akyla, nakyla öwrülen pähim.

Ylham berer köňülleriň taryna,
Jogap bolar sowallaryň baryna,
Ähli zamanlary çoýýar nuruna,
Akyla, nakyla öwrülen pähim.

Okasaň, öwrenseň manysyn öwrüp,
Ýaz ýaly gülleýär, giňeýär göwnüň,
Ýagşy ýaraşygy dürdäne döwrüň,
Akyla, nakyla öwrülen pähim.

# Daýhan

Tejribesi asyrlaryň gatyndan,
Türkmen aga zähmetsöýer gadymdan,
Bereket, rysgal bar bir gysym gumda,
Mukaddes topraga yhlasly daýhan.

Üstünlige besläp her aýy, ýyly,
Ak bugdaýy, ak altyny arzyly,
Ödeýär Watana bolan parzyny
Mukaddes topraga yhlasly daýhan.

Halallygy hemra bolan ýoluna,
Maňlaý deri derman bolar iline,
Wepalydyr saýlap alan kärine,
Mukaddes topraga yhlasly daýhan.

# Säher

Ýagtyltdy ýakyn-daşlary
Täze Günüň nur jemaly.
Oýardy saýrak guşlary
Säheriň sergin şemaly.

Gündogaryň al şapagy,
Göýä, owadan bir haly,
Sypap gelýär giň jahany
Säheriň sergin şemaly.

Ylham berip gursaklara,
Ruhlandyrýar bar ynsany.
Ýaraşýar hoş pursatlara
Säheriň sergin şemaly.

Görküne gelip çar ýany,
Dag-düzler tapýar kemaly.
Ajap aýdym, şirin saz deý
Säheriň sergin şemaly.

# Köňül guşum

Köňül guşum ganat baglap,
Al-asmana uçsam diýýär.
Bölek-bölek bulutlary
Ýassyk edip guçsam diýýär.

Görogly deý serhoş bolup,
Çöle awa çyksam diýýär.
Awym oňup, mis tüňçäniň
Gök çaýyndan içsem diýýär.

Owazyna goşa taryň,
Çeksem ylhamyň humaryn.
Kämahal göwün kenaryn
Boýlap-boýlap geçsem diýýär.

Balalam – bagtym, guwanjym,
Birdir ynamym-ynanjym.
Gysymlap çöplän gazanjym,
Toýly günde seçsem diýýär.

## Ýaz ýakymy

Sähra, düzlere, daglara
Çekipdir ýaşyl nagşyny.
Ýagmyr ýaraşýar ýaýlama,
Ýaşyl ýazlaryň ýalkymy!

Bilbiller wasp eder saýrap
Säherler Günüň dogşuny.
Görk goşýar bagtyýar çaga,
Ýaşyl ýazlaryň ýalkymy!

Al-elwan gülleň yşgynda,
Bilbilleň heňi bal kibi.
Agyn ýaşlygyň keşbinde
Ýaşyl ýazlaryň ýalkymy!

Dolup-daşyp däli duýgy,
Erkine goýmaz her kimi,
Kalplarda oýarýar söýgi
Ýaşyl ýazlaryň ýalkymy!

Gül Diýary görke besläp,
Zynatlar has-da görküni.
Rahman wasp eder höwesläp,
Ýaşyl ýazlaryň ýalkymy!

# Diýarym

Saz çalar dutar, deprekli,
Ene ýeri bereketli,
Deňizli, dagly, toprakly,
Tämiz asmanly Diýarym!

Joşgunly guşlaň owazy,
Sährasy sergin howaly,
Döwletli, döwran dowamly,
Dili dessanly Diýarym!

Ata-baba arzuw eýlän,
Budur baky bagtly eýýam,
Ýazlardan ýaşyl don geýýän,
Bagly-bossanly Diýarym!

Gören, eşiden haýrany,
Dostluga çagyr çar ýany,
Dag aşyrýar dabaraňy
Şöhratly ýyllar, Diýarym!

## Bahar görki

Yşgynda saýrap bilbiller,
Açylýar al-elwan güller,
Şirin nama goşýar diller,
Bahar gelse biziň ile.

Goşa tarda oýnar eller,
Şahandazdyr biziň iller,
Gözelligne jennet diýrler,
Bahar gelse biziň ile.

Gijeden gündiz uzalýar,
Zemin höwesli bezenýär,
Hyrydar gözler gezelýär,
Bahar gelse biziň ile.

Göwne goşa ganat ýaly,
Joşdurýar arzuw-hyýaly,
Ýürek wasp edýär Diýary,
Bahar gelse biziň ile.

## Akja gar ýagýar

Ojak ýanýar gor bolup,
Asman-zemin bir bolup,
Gökden inen nur bolup,
Ýene akja gar ýagýar.

Bezär töwerek-daşy
Gyşyň ýyly duýgusy.
Gögüň Ýere söýgüsi,
Ýene akja gar ýagýar.

Köçededir bar adam,
Ýasaýarlar gar adam,
Rysk eçilýär Ýaradan,
Ýene akja gar ýagýar.

Zemin ýapyndy ýorgan,
Garlaşýar gyzu-oglan,
Adatda bu ýoň bolan,
Ýene akja gar ýagýar.

## Gurban baýramy

Päklige melul ýürek,
Tämizlener töwerek.
Tebigat hem janserek,
Sen geleňde, Gurbanlyk.

Hiňňillikler batlanar,
Göwünlermiz şatlanar,
Nazy-nygmat datlanar,
Sen geleňde, Gurbanlyk.

Çakylyk – bir-birekden,
Hödür bolar ýürekden.
Dadylýar duz-çörekden,
Sen geleňde, Gurbanlyk.

Agzybirlik, ne ajap,
Gatnar okara, saçak.
Gelene gapym açyk,
Sen geleňde, Gurbanlyk.

# Aşgabadyň gijesi

Wasp ederden owadan,
Bagtyň çüwen bijesi.
Dünýäni haýran eden
Aşgabadyň gijesi.

Al-ýaşyl, mawy yşygy,
Gözeldir ajap keşbi.
Ýatladar altyn köşgi
Aşgabadyň gijesi.

Belent-pesli binasy,
Ak mermerden lybasy,
Gözelligiň seresi –
Aşgabadyň gijesi.

Durky-keşbi gazallyk,
Bu bir ruhy gözellik.
Ylhamyňa gönezlik –
Aşgabadyň gijesi.

## Türkmeniň

Gujagy, saçagy açykdyr dosta,
Asly bardyr myhmansöýer türkmeniň.
Bir asyr däl, müň asyrlyk ýol saldy,
Baky ýitmez saýlan ýoly türkmeniň.

Şahyrlar wasp eder gazaly bilen,
Toý toýa sepleşýär ozaly bilen,
Saýlanar dutary, ozany bilen,
Şahandazdyr munda ili türkmeniň.

Yhlasy hemişe ata-enädir,
Ejizläne gara günde penadyr,
Watançy türkmene taryh güwädir,
Watan damarynda gany türkmeniň.

Owal türkmen ar-namysly, dogumly,
Älem içre dost-gardaşly, kowumly.
Magtymguly ýaly beýik ogully,
Berkarar döwleti geldi türkmeniň.

Bu gün al-asmanda tugum parlaýar,
Arkadag pähminden ýurdum gülleýär,
Arkadagly Serdar bilen bagta ýar,
Peder ýoly dowamatdyr türkmeniň.

# Türkmen haly

Türkmen gelin-gyzlarnyň
Elleriniň hünäri,
Gözelligiň, edebiň
Gözbaşy – türkmen haly.

Owal ene-mamalaň
Bize goýan mirasy.
Şu günüň hem ertiriň
Buýsanjy – türkmen haly.

Sähetli gün niýetlenen,
Ak pata, dileg bilen,
Halal malyň ýüňünden
Ýüplügiň, türkmen haly.

Syndy, keser daraklap,
Dünýä bakar gerekläp,
Çitimleri ýüpekden,
Öýdümli türkmen haly.

Nepis, owadan göller,
Dünýäde ýokdur taýy.
Ýer ýüzünde tanalar
Ýeke-täk türkmen haly.

On barmagyň hünäri,
Gözelligiň çyragy,
Arkama-arka geçip,
Haýran edýär dünýäni.

# Baýdagym

Kalpda söýgi beslänim,
Bezegidir asmanyň.
Watanperwer bu iliň
Jiger-jany – Baýdagym.

Bagtly günleň şanyna,
Şowly ýyllaň şanyna,
Sylýan seni alnyma,
Parla, ýaşyl Baýdagym!

Bäş welaýat şekilli,
Bäş sany haly gölli,
Bugdaýly, Aý, ýyldyzly,
Ýürek ýagy – Baýdagym.

Ata-babalaň ady,
Halal ojaklaň ody,
Sen türkmeniň bar zady,
Duzy-nany, Baýdagym!

Jem bolup türkmen ilim,
Öňe sary gadamyň,
Arşa göterip badyň,
Baky parla, Baýdagym!

# Daglar

Neneň waspyň etmäýin men,
Şaglap akýan çeşme-çaýlar.
Depesine göz ýetmeýän
Gerşi gözel bakja-baglar.

Şaglap iner çeşmeleriň,
Göwni açylar teşneleriň,
Mekany algyr guşlaryň,
Dünýä deý gadymy daglar.

Egrem-egrem ýollaryň bar,
Jülgeleriň, gollaryň bar,
Hoz, pisse, alma hem enar,
Goýny bereketli daglar.

Howasy-da melhem jana,
Keýikler ger oýnamaga,
Nur ýagan ýaly hamana,
Çür depesi garly daglar.

Aýdyp bilmen seň arkaňy,
Arkalaryň kändir sany,
Ýaşyňy bilýän ynsany
Tapmadym hiç, goja daglar.

Ülkämiziň bezegi sen,
Pederleriň göreni sen,
Waspyň eder Rahman hem,
Dillerime dessan daglar.

# Awaza

Ülkämiziň buýsanjy sen,
Hazar kenary – Awaza.
Duzly suwuň jana melhem,
Dertleň şypasy – Awaza.

Kenaryňda ýaşyl ýaýla,
Isle oýna, isle çaýla,
Myhmanlara lezzet paýlap
Hem lezzet alýaň, Awaza.

Deňiz joşup tolkun atýar,
Bäş döwletiň başyn çatýar,
Bütin älem waspyň edýär,
Görki egsilmez, Awaza.

Asmanyňda ak çarlaklar,
Deňziňde dürli balyklar,
Astynda dürler, altynlar,
Genji-hazyna – Awaza.

Jenneti ülkä taý bu gün,
Belent başly binalaryň,
Salkyn saýasy baglaryň,
Ylham paýlaýar Awaza.

Gyşyň, ýazyň, tomus, güýzüň,
Alaýazdyr dört pasylyň,
Owaz edýär tolkunlaryň,
Kenaryň joşýar, Awaza.

# Ülkämiň tebigaty

Dört pasyly ýerbe-ýer,
Ülkämiň tebigaty.
Dagly, çölli, deňizli,
Ülkämiň tebigaty.

Goýny jennete taýdyr,
Tebigy gora baýdyr,
Bag-bakjaly gülzardyr
Ülkämiň tebigaty.

Goýazydyr maýasy,
Köşeklidir maýasy,
Al-ýaşyldyr ýaýlasy,
Ülkämiň tebigaty.

Hak görküni keşdelän,
Döwlet tapar keşt eden,
Şahyr bolar wasp eden,
Ülkämiň tebigaty.

Güýz gelse, durna uçar,
Miwesi güýzäp bişer,
Derýasy gaýnap – joşar,
Ülkämiň tebigaty.

# DUÝGY SALLANÇAGY

## Türkmen gyzy

Alkymy daglaryň gary,
Ýaňagy Sumbaryň nary,
Kirpigi ok, gaşy ýaýy,
Haýran eden türkmen gyzy.

Assa basyp uz ýöreýşi,
Näz edip ogryn garaýşy,
Uzyn örüm gara saçy,
Haýran eden türkmen gyzy.

Edebin eneden alan,
Gaýma gaýan, keşde çeken,
Darak kakyp, haly dokan,
Çeper elli türkmen gyzy.

Eden işi gelişip dur,
Gözlerinde, ýüzünde nur,
Perilerden saýlanyp dur,
Gözellikde türkmen gyzy.

# Enäň öwüdi

Bu gün seniň bagt toýuň,
Daşyňda joralaryň
Ýol aşyp baran öýüň,
Mähriňe çoýgun, gyzym.

Düzedip kem-käs ýeriň,
Durmuş ýetirer eýiň,
Wepasyn gören öýüň,
Sapasy bolgun, gyzym.

Sen şat bolsaň, menem şat,
Derkar däldir başga zat.
Eneň – edep, atań – at,
Mirasyň bilgin, gyzym.

Dogdugyňdan düşdügiň,
Eşdip dursam hoşdugyň,
Adyňa jan goşdugym,
Bolgunyň janan gyzym.

# Kamar aga uzak ýaş arzuw edýän

Pygamber ýaşyndan nesipli bolan
Ynsanlaň kalbyna joş arzuw edýän.
Agzybir ojagyň başyn jemleýän
Kamar aga uzak ýaş arzuw edýän.

Obada ulalyp kemala geldiň,
Öz halanyň söýüp, ýeňňemi aldyň,
Bileje pygamber ýaşyna geldiň,
Kamar aga, uzak ýaş arzuw edýän.

Öz işiň ussady hem halypa siz,
Onlarça ýyl kärdeş, köne tanyş biz,
Bu aýdýanlam gursagymdan çykýan söz,
Kamar aga uzak ýaş arzuw edýän.

Dokmada özüniň möhrüni goýan,
Işini janyndan-teninden söýen,
Ýüzlerçe şägirde halypa bolan
Kamar aga uzak ýaş arzuw edýän.

Egindeşleň bary jem bolup geldi,
Kimsi arzuw etdi, kim ýüze syldy,
Maryda hormatly adamlaň biri
Kamar aga uzak ýaş arzuw edýän.

Siz hakda aýtmaga entekler söz kän,
Toýňuza bir goşgy getirdi Rahman,
Kem-käs bolsa, öte geçsem, bagyşlaň,
Kamar aga, uzak ýaş arzuw edýän.

## Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar

Bir mekdebiň gujagynda ulaldyk,
Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar.
Bir obanyň saýasynda boý aldyk,
Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar.

Bozgujyny bölüp beren oglanlar,
Ýaşlygyma şärik bolan oglanlar,
Hata söýgi garyp beren oglanlaň
Duýgusyn jylawlan synpdaş gyzlar.

Juwanlyk bahary geçen ekeni,
Ýaşlyk geçip, diňe ýatlama galdy,
Jemlenip ýatlalyň mekdep ýyllary,
Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar.

Kimseler söýüşip, bagtyny tapdy,
Kimseler sögüşip, arany açdy,
Kimseler alysdan, ýat ilden çykdy,
Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar.

Bu gün barymyz jem, ýene bile biz,
Ýöne okuwçy däl, ene-ata biz,
Iň süýji döwürler geçýän eken tiz,
Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar.

# Öwüt

Haky ýatlap etseň mätäje kömek,
On bolup dolanar birine derek,
Eden ýagşylygňy çolasaň dile,
Gazanan sogabyň bary biderek.

Toý-tomaşa çagyrylsaň, baryp dur,
Il deňinde gelip, il deňinde tur,
Aram-aram ýaşap ötenleri gör,
Öwlüýä aýlansaň, kalbyň ýumşadar.

Käte bagtyň çapar, kä küle çöker,
Her daýym her işe nesibe çeker,
Mert özünden görer, namart şer açar,
Seljer-de, özüňden netije çykar.

## Gitsem

Bäş gün ötegçi dünýäden
Iýip-içip, uçup gitsem.
Gaýry bir närse islemen,
Abraýly geçip gitsem.

Yşgym bilen baga girsem,
Ter güllerden çemen bogsam,
Çemeni ýara gowşuryp,
Söýülip hem söýüp gitsem.

Hak alnyma rahmet kylsa,
Dostlar bilen söhbet kylsam,
Daýym dosta saýa bolsam
Ýa saýalap ötüp gitsem.

Ine-gana ojagymda,
Nanym bolsa saçagymda,
Watanymyň gujagynda
Hyzmat edip geçip gitsem.

Il deňinden pes bolmasam
Ýa-da ilden mes bolmasam,
Nebsimiň guly bolmasam,
Il bilen deň geçip gitsem.

Pederlere hormat goýup,
Nesilleri jandan söýüp,
Ýüregimi şygra salyp,
Goşgy bilen diýip gitsem.

Welidir özüni tanan,
Şükür, öýüm-içim aman,
Ýamandan sowulyp Rahman,
Ýagşa ýaran bolup gitsem.

# Leýliniň dilinden salam

Toýnuk gurap, uçup barýan durnalar,
Söwer ýardan maňa habar getiriň.
Intizar gözleri ýoluma garar,
Ýa meniň salamym ýara ýetiriň.

Aýlar geçip, ýyllar gadamyn urdy,
Zalym pelek bize duzagyn gurdy,
Takdyra çäre ýok, hökümin sürdi,
Men – biçäräň zaryn ýara ýetiriň.

«Ölsem-ä ýeriňki, ölmesem seňki»
Diýip äht edipdik ýadyňda, belki,
Goý, bilsin diri men, wadamyz öňki,
Wepaly ýaryndan habar ýetiriň.

Argyş diýip, alys ýollara çykdyk,
Watan yzda galdy, ýat ile düşdük,
Rakyplaň goluna duzaga düşdük,
Umydyn üzmesin, habar ýetiriň.

Erkim elimde däl, islegim bagly,
Jellatlar ýaragly, murtlary towly,
Aramyz uzakdyr gaýaly-dagly,
Daglar, daşlar, arzym ýara ýetiriň.

Men ilerde, Watan gaýrada galdy,
Ýesirligiň derdi bagrymy dildi,
Sözleri şirindir, lebleri bally,
Gaýraly ýaryma salam ýetiriň.

Bu ajy aýralyk geçer bizdenem,
Söwer ýaryň gözýaşyna dözmenem,
Niçik haly, habar alyp bilmenem,
Ösen ýeller, ýara habar ýetiriň.

## Azaşanam tapsa ýagşy yzyny

Adamzat döräli başy gowgaly,
Geçipdir müň hyýal, soňy armanly,
Ýalňyşyp urdurman iki dyzyny,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Bileniňi aýtman bolmagyn pida,
Bildigiňden görkez Hakyň ýoluny,
Hiç kes gelip geçmäwersin bihuda,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Ýörär bolsaň, tutgul Hakyň ýoluny,
Doga edin danalaryň sözüni,
Ýoldan çykan körüň açgyn gözüni,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Başy çaşyp, ýoly ýiten bendäni,
Alla goldar ol bendäni indäni,
Köteklemäň, ony ýolda goýmalyň,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Toba edene diýip bolmaz günäkär,
Bendäm bendä bolmalydyr penakär,
Ýykylany galdyr, bolup sebäpkär,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Bu durmuş her kimi synaga salar,
Kime şatlyk, kime gussasyn berer,
Ýagşy-ýaman, her kim ekenin orar,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Gül bolan ýerinde tikenem bardyr,
Ynsan döräp, agy-garasam bardyr,
Ahyrsoňy barjak jaýymyz birdir,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

Geçmersiň ýalançyň tagamyn datman,
Geçersiň kowalap yzyndan ýetmän,
Gaýtalap-gaýtalap aýdýaryn, Rahman,
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.

# Ýaşlygym

Kerwen gurap geçip barýan aý-günüm,
Dillensene, dolanmazmy ýaşlygym?!
Aýakýalaňaçja oýnan ýerlerim,
Ýalan ýaly geçip giden ýaşlygym.

Mähribanym, ejem janym geregim,
«Gaýry zat islemen» diýýär ýüregim,
Tamdyryň başynda iýen çöregim,
Dolansa şo-ol geçip giden ýaşlygym.

Mekdep ýyllary ne ajap çaglar,
Boýdaşja çagalar, oglanlar, gyzlar,
Aýlandy ençe gyş, bahardyr ýazlar,
Dolanmazmyň, haýp geçen ýaşlygym?!

Ýakymly saz bolup tiz geçen günlem,
Duşumdan ötüpsiň, garaýan yzlam,
Ýoluňda henizem intizar gözlem,
Gaýtadan gelmezmiň, geçen ýaşlygym?!

On bäş bilen ýigrimi bäşiň arasy –
Ömürleriň, döwürleriň seresi,
Göwnüm küýsäp, gelýär seni göresi,
Alyslarda, yzda galan ýaşlygym.

Gursagymdan sözlem dilime geldi,
Altyň ony eýýäm pürepür boldy,
Rahman diýer, elli ýaşam hezildi,
Sarpasy belentde bolan ýaşlygym.

## Söwer ýaryň bolmasa

Ýalňyz başly belaly,
Taýly başly galaly,
Göwnüň tapmaz karary,
Söwer ýaryň bolmasa.

Gursagyňda hyýalyň,
Ýüki ýetik bor ýoluň,
Her kes aňlamaz halyň,
Söwer ýaryň bolmasa.

Her gülene owsunyp,
Hoş söz tapsaň ymsynyp,
Ömrüň geçer kemsinip,
Söwer ýaryň bolmasa.

Hiç bolmaz göwün hoşuň,
Ugrukmaz eden işiň,
Armanly geçer ýaşyň,
Söwer ýaryň bolmasa.

Gep-gybatdan gaçarsyň,
Kä ýanyp, kä öçersiň,
Ýoly ýalňyz geçersiň,
Söwer ýaryň bolmasa.

Çekdigiň ajy arman,
Tapylmaz oňa derman,
Ýalňyz goýmasyn Rahman,
Söwer ýaryň bolmasa.

## Ýatdan çykarma

Bir gün emel ýetse eliňe elin,
Ertiriň barlygyn ýatdan çykarma!
Taýagyň ujy iki – diýjegme delil,
Bir gün gaýtjagyňam ýatdan çykarma!

Nesibäňde ne bar bolsa alarsyň,
Injigiň göterse, adyl bolarsyň,
Ýagşyňa, ýamanňa hasap berersiň,
Hasap depderiňi ýatdan çykarma!

Emri bilen ady beýik Allanyň,
Güýji kändir hoş söz bilen kelamyň,
Kesilmesin ilden-günden salamyň,
Abraýyň şondadyr, ýatdan çykarma!

Ugrugyp barýany ýoldan saklama,
Azaby gowşany kemter haklama,
Bir bigünä bendä töhmet ýükleme,
Soraga jogap bar, ýatdan çykarma!

Söz sözlände, saman bolman, dür bolsun,
Beren sözüň iki bolman, bir bolsun,
Törüňde däl, ýüregiňde ýer bolsun
Ýagşy päle, şony ýatdan çykarma!

Durmuş özi saýlap, özi hem seçer,
Nähak iş edeniň donuny biçer,
Rahman, bu synaglar hemmeden geçer,
Ýöne nähak geçmez, ýatdan çykarma!

# Amanmy?

Watanymdan argyş diýip çykmyşam,
Ençe menzil uzak ýollar geçmişem,
Ýat illerde gara zähmet çekmişem,
Türkmen ilim, ata Watan amanmy?!

Enem-atam, ýakynlarym ýat boldy,
Göz öňümde diňe keşbiňiz galdy,
Käte habar gelse, göwnüm şat boldy,
Naçar dogan, jigilerim amanmy?!

Äht edipdim söwer ýara gelmegi,
Boýun bezäp, toý toýlaýyp almagy,
Arzuw edýän bile durmuş gurmagy,
Wada beren ilki söýgim amanmy?!

Ondan bäri eýýäm ýedi ýyl geçdi,
Gara başlaryma giden ak düşdi,
Aýralykda günüm gaýgyda geçdi,
Gülüp-oýnap gezen ýerlem amanmy?!

Indi çen bolupdyr, dolansam yza,
Toý şaýymy tutsam, galmasam güýze,
Söz aýdyjy gidiň wepaly gyza,
Gözi ýolda galan ýarym amanmy?!

## Göwnaçyk gyz

Görküňden kemsinmegin,
Görmeksiz, göwnaçyk gyz.
Bezegdir seň edebiň,
Sadadan göwnaçyk gyz.

Daşy gözel bolandan,
Içi gözeller ýagşy.
Muny bilmez ynsandan
Otlap ýören mal ýagşy.

Görk-görmek myhmandyr,
Uzak durman geçýändir,
Diňe abraý galýandyr,
Alsaň, göwnaçyk gyz.

Gözel bolup dogulma,
Bagtly bolup dogul.
Taýyň bolar goç ogul,
Kemsinme, göwnaçyk gyz.

«Söýgi görk islemez»,
Göwün päk göwni söýer,
Göwünleňem gözlegi,
Sen deý göwnaçyk gyz.

# Ogul

Pendim alsaň, gulak sal,
Sözlerime, han ogul.
Pederlerden nusga al,
Görelde bol, jan ogul.

Ataň bilinden tänip,
Enäň rahmyna inip,
Dokuz aý, on gün ýatyp,
Dünýä inensiň, ogul.

Azan bilen at dakan,
Gijeler şöwür çeken,
Ynjasaň, ýatman çykan,
Enä tagzym kyl, ogul.

«Alkyş bilen är gögär,
Ýagmyr bilen ýer gögär»
Diýen nakyla eýer,
Nakyl akyldyr, ogul.

Başyn sypa ýetimiň,
Göwnün göter ejiziň,
Alsaň doga-dilegin,
Hiç ýerde ýatmaz, ogul.

Hakdyr takdyry taslan,
Erkinde zemin-asman,
Şygryny soňlar Rahman,
Pendimi tut, jan ogul.

# Gyz

Gadam basýaň täze durmuş ýoluna,
Alnyň-bagtyň açyk bolsun, gözel gyz.
Wepaly bol köňül beren ýaryňa,
Edep bilen, haýa bilen söýen gyz.

Joralaryň hemdem bolýar daşyňda,
Owsun atýaň täze dünýäň duşunda,
Altyn gupba ýalkym saçýar başyňda,
Bagta sary toý lybasyn geýen gyz.

Gelnalja gelenler alar daşyňy,
Süpürýäň ýaglyga gözüň ýaşyny,
Açylsyn gül ýüzüň,  galdyr başyňy,
Ene edebinden kalby doly gyz.

Baran ýeriň hem gelni, hem gyzy bol,
Aýdymy bol, mukamy bol, sazy bol,
Edepli enäniň öwdi, özi bol,
Durkuny-durmagny görke eýen gyz.

Öwüt-ündewiňi sözlediň, şahyr,
Neneň bolar indi edäýsek ahyr.
Ýekeje arzuwym Zöhre hem Tahyr,
Şasenem – Garyp deý söýgiň bolsun gyz.

## Müň alada bir iş bitirýän däldir

Eý, ýaranlar, musulmanlar, doganlar,
Başa külpet gelse, ömürlik däldir,
Gara daglaň başyn aga öwürýän,
Gar hem ýaz gelende eräp gidýändir.

Owal adam ogly dünýä myhmandyr,
Bäş gün ýalançynyň hasraty kändir,
Müň alada bir iş bitirýän däldir,
Sabyr, şükür bulaň baryn ýeňýändir.

Ýigit bolan başy gowgaly bolar,
Bir gün gamly bolar, bir gün şat bolar,
Bu çarhy-pelekdir, aýlanar durar,
Wagt baryn öz ornunda goýýandyr.

Pelsepeler gabat geler durmuşda,
Haýyr bardyr başa gelen her işde,
Iki egniňdäki amal perişde
Ak-garany ilik-düwme ýazýandyr.

Her kimiň özüne ýeterlik derdi,
Bu dünýä şatlygam, gussa-da berdi,
Döwür günäkär däl, öňdenem bardy,
Pederler öňünden soňun dilärdi.

Namart ýoldaşyndan, mert hem özünden,
Geplese, tanalar ýigit sözünden,
Başa bela gelermişin diliňden,
Geçirmeseň her bir sözüň gözüňden.

Adam bardyr şeýtan sapagyn alan,
Geplese owadan, ýarysam ýalan,
Ýalançyda messep bolmaz, eý, Rahman,
Ýolundan sowulaý göwnüne degmän.

## Ýalňyzlyk derdi

Orta ýolda çöken bagtym
Indi gaýdyp galmazmyka?!
Ganat ýaýyp uçan wagtym,
Heý, dolanyp gelmezmikä?!

Eýýäm ençe ýyllar geçdi,
Akyl-huşum, başym çaşdy,
Arzuwlarym gaýnap joşdy,
Heý-de, hasyl bolmazmyka?!

Ykbalymdan kalbym ýara,
Jiger bagrym para-para,
Arzym aýdyp paýlaşmaga,
Sözüm diňlän bolmazmyka?!

Otyryn täleýe garap,
Dertli kişiň haly harap,
Geçip barýar, ömür ýöräp,
Heý, bir nazar salmazmyka?!

Bakdygym däl siňe-siňe,
Eý, pelek ýüzlenýän saňa,
Bagt guşy maňlaýyma,
Indi gaýdyp gonmazmyka?!

Ýalňyzlygyň derdi ýaman,
Ony biler ýükün çeken.
Heder ederin her zaman,
Heý, çäresi bolmazmyka?

# Täze ýyl

Aý-günleri ýakalap,
Ýylyň soňun çekeläp,
Akja garyn sepeläp,
Ýene Täze ýyl geldi.

Gyz-oglan başyn taýlap,
Älem goýnuny toýlap,
Her öýe şatlyk paýlap,
Ine, Täze ýyl geldi.

Tomus, güýz hem ýaz, gyşyň,
Bereket içiň-daşyň,
On iki aýyň çekip başyn,
Ýene Täze ýyl geldi.

Dürli-dürli çyralar
Arçalara oralar,
Gör, şadyýan çagalar,
Ýene Täze ýyl geldi.

Haltasy bardyr gaba,
Garpamyk, Aýazbaba,
Bize sowgadyň paýla,
Bu gün Täze ýyl geldi.

## Aýrylmasyn

Adam ogly dünýä inse,
Akyl-huşdan aýrylmasyn.
Bagty ýortup, döwlet gelse,
Ynsabyndan aýrylmasyn.

Ýol geçiler saýy bilen,
Güneş dogsun Aýy bilen,
Bagtly günler taýy bilen,
Bilbil gülden aýrylmasyn.

Dost tutunan bu dünýäni,
Ömrün geçirer bimany,
Musulman bendäň imany
Hemra bolsun, aýrylmasyn.

Ýatdan gelen saýry bolar,
Dini-däbi aýry bolar,
Aga-ini, eziz dogan
Watanyndan aýrylmasyn.

## Gaýgyrma

Adam ata aslyýetiň,
Götär seni ýagşy netiň,
Bar mahaly güýç-kuwwatyň,
Haýyr işi gaýgyrma.

Mähirli bol dost-dogana,
Ýakynlara, hossaryňa,
Sogap bardyr gollanyňa,
Goldan gelse gaýgyrma.

Geçer günleň gara-agy,
Kämilligiň ýokdur çägi,
Ýoldaş edin din-imany,
Yhlasyňy gaýgyrma.

Zat bermese, geçmez güni,
Jomardyň dek durmaz eli,
Bagbany sataşsa, güli
Ýerin bilip gaýgyrma.

Golda çörek-duzuň bilen,
Ýogsa ýagşy sözüň bilen,
Görüp durkaň gözüň bilen,
Mätäje zat gaýgyrma.

Belalary başdan sowan,
Beren sadakaňdyr, dogan,
Sadaka galkan deý bolar,
Jaý ýerinde  gaýgyrma.

Ýigit göçse, öý tutunsa,
Il oňlasa, toý tutulsa,
Watan üçin şaý tutulsa,
Gara janyň gaýgyrma.

Dagy daş edip, ýol düşän,
Güýç-gurbatdan galmaz nyşan,
Ylhamyň möwjese, Rahman,
Galam, kagyz gaýgyrma.

## Gyz duýgusy

«Kalbymyň töründen orun berenim,
(Emri bilen yşk döreýär ýüregiň),
Ýeke-tägim,  sensiň meniň geregim»
Diýen sözleriňi ýatlaýan, oglan.

«Söýýän» diýip bada, soň goýduň oda,
Aşyga bu ýollar kadadyr, kada,
Mukaddes dälmidir  söýgüde wada,
Ýyllaryň gatyndan ätleýän, oglan.

Torç edilen ýollaň sökülýär bogny,
Göwni göýdügeniň gysylýar egni,
Umytlarym janly diýdigim, ýagny
Sabrymy pudarlap gatlaýan oglan.

Duýgy bir deryadyr joşy ýetişen,
Agydyr, gussadyr oňa gatyşan,
Aýralygyň yzasyndan tutaşan
Oduma özümi otlaýan, oglan.

## Aýtsana

Bir-biregi haladyk,
Leýli – Mejnun ýalydyk,
Kalby kalba bagladyk,
Ýalanmydy, aýtsana?!

Jorañ bilen dostumy
Tanyşdyrdym – rastmy bu,
Gör olaryñ bagtyny,
Biz ne beýle aýtsana?!

Biz yşgyñ jepakäri,
Kim söýgiñ penakäri?!
Menmidim günäkäriñ –
Ýa-da senmiñ, aýtsana?!

Goýny aýdymly-sazly,
Söýgimiz alaýazdy,
Täleý her ýana ýazdy,
Kim günäkär, aýtsana?!

Bize ýazgyt bolmady,
Bagt guşy gonmady,
Ýa mañlaýmyz şormudy,
Senem bir zat aýtsana?!

Yşk ody ýaman eken,
Biler oñ ýükün çeken,
Aşygnyñ bagryn ýakan,
Kim sebäpkär, aýtsana?!

## Gözel

Aýym, Aýym, Aýgözel,
Aýa-Güne taý gözel,
Bu dünýäde sen meniň
Bagt paýym bol, gözel.

Seniň owadan keşbiň
Özbaşyna bir gazal,
Neneň waspyň etmäýin,
Aýa deňelýän gözel.

Ýalkasaňam, eliňde,
Ýandyrsaňam, eliňde,
Sen hemişe küýümde,
Arzuw-hyýalym, gözel.

Eý, gözleri pyýala,
Yşk diýilýär bu ýola,
Goýma meni azara,
Lebleri bally gözel.

Telwas urýar ýüregim,
Ýolda goýduň garagym,
Iki dünýä geregim,
Mähremim bolaý, gözel.

Ýakyp-ýandyrma beýle,
Aşygyň men, rehim eýle,
Gün dogar, geler öýle,
Gijä galmaly, gözel.

Sen kalbymyň soltany,
Bereýin hanymany,
Öý bolaly il ýaly,
Söýüp-söýlüp, gözel.

## Iru-giç tanalar kimiň kimdigi

Her bir işiň haýyryny, oňuny,
Il tanaýar ýagşy bilen ýamany,
Imandan aýyrar, etme gümany,
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi.

Iliň terezisi ölçär bahaňy,
Alyň al meýdany saýlar ynsany,
Zerli dony büräp bilmez kimsäni,
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi.

Agtaran ýoluna gowşar urunýan,
Başyňa gelende soňsuz görünýän,
Ajysam, süýjüsem synagdyr dünýäň,
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi.

«Özüni öweniň tanapy çüýrük»,
Oňa işiň düşse, tutdurmaz guýruk,
Her işe iki adam edilse şärik,
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi.

Ýüzüňe ýylgyryp, ýeňsäňden uran,
Bähbit arap, hile-duzagyn guran,
Namart bolup, merdiň keşbine giren,
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi.

Ikiýüzli kişiň agyrdyr haly,
Bu dünýe, o dünýe bolmaz imany,
Rahman diýer, sözlem – kalbyň beýany,
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi.

## Hak hakyna gowuşjakdyr

Eý, ýaranlar, halaýyklar,
Hak hakyna gowuşjakdyr,
Bilip ýa bilmän edenler,
Hakykat jaýyn tapjakdyr.

Adam ogly zerre ýaly
Hakyň gitse, dolanjakdyr,
Günüň ýaşyp-dogşy ýaly,
Eýesine gowuşjakdyr.

«Kişiň haky – belaň oky»,
Iner çeker agyr ýüki,
Boýnundaky kişiň haky
Eýesine gowuşjakdyr.

Güni köýse-de kimsäniň,
Haky köýmez bir ynsanyň,
Halal lukmasy bendäniň
Eýesine gowuşjakdyr.

Köp zat isläp, azdan galan,
Sapagyn şeýtandan alan,
Ejizleriň hakyn iýen
Ýaman güne ulaşjakdyr.

Amanat bir ýaman zatdyr,
Guluň haky ýanar otdur,
Hasap güni kyýamatdyr,
Hak hakyna gowuşjakdyr.

Ýagşylygyň ýokdur çägi,
Ýamanlyk iýer imany,
Ähli işleriň tamamy,
Hak hakyna gowuşjakdyr.

Rahman diýer, soňky sözüm,
Şaýatdyr gören gözlerim,
Ynanaý, dogan, dözmezim,
Hak hakyna gowuşjakdyr.

## Läligim

Sensiň yşgymyzyň asmany, Aýy,
Sensiň yşgymyzyň saýrak humaýy,
Saňa mährim gidýär meniň günsaýyn,
Ömrümiň çyragy bolaý, läligim.

Ýöreýşiň nusgalyk guba gazlara,
Keşbiň gönezlikdir bahar-ýazlara,
Ýylgyrşyň owazdyr aýdym-sazlara,
Kalba ylham bolup dolaý, läligim.

Edebiň-ekramyň tuwagy ýüzüň,
Goşgymyň, gazalmyň ylhamy sözüň,
Göwnümi sil bolup joşdurýan özüň,
Törüme bagt bolup gonaý, läligim.

Huşum gitdi  görüp galam gaşyňy,
Ok deý kirpikleriň, hünji dişiňi,
Dyza düşüp duran örüm saçyňy,
Özüm örüp, özüm çözsem, läligim.

## Gysganma

Habar alsaň bir hassanyň halyndan,
Hoşal bolup ýaş döküler gözünden.
Dermandyr ýagşy söz lukman eminden,
Dahanyňdan ýagşy sözüň gysganma.

Haýyr etseň, işiň oňuna bolar,
Başyňdan belany-beteri sowar.
Edeniňi Hak hem, halk hem biler,
Hak ýolunda haýyr işi gysganma.

Päliňi pes tutsaň, ruhuň baý bolar,
Ruhy baý bolanyň işi jaý bolar,
Munda ýagşy-ýaman edeniň galar,
Hiç bolman-da, ýagşy sözüň gysganma.

Bu çarhy-pelekdir, aýlanar durar,
Etjegin-goýjagyn bir özi biler,
Kimi ruhy, kimi maddy baý eder,
Baý bolup, mätäje baryň gysganma.

Enäniň-atanyň alkyşyn alan,
Ýetime-ýesire howandar bolan,
Halaly-haramy saýgaryp bilen,
Ejizlere yssy mähriň gysganma.

Mert-namart tanatmaz aşyň başynda,
Çyn dost ýowuz günde durar daşyňda,
Aş dost mydam gezer gybat içinde,
Baş dost üçin elde baryň gysganma.

Eden işiň bilen bir bolsa sözüň,
Il içinde hergiz gyzarmaz ýüzüň,
Hakykaty aýtsaň, uzyndyr diliň,
Hak sözleri halka ýetir, gysganma.

Indi sözüm tamamlaýyn uzaltman,
Ýalançyda ýamanlardan ýagşy kän,
Rahman diýer, bu dünýäni saklaýan
Ýagşylara ýagşylygy gysganma.

## Durmuşdan bir parça

Egninde göteren başy,
Bilse, synagdyr durmuşy.
Zenan bol, ha erkek kişi,
Aman sakla gara başy.

Utanç-haýa perde bolar,
Işýakmazlar şerde bolar,
Ata-baba gelýän sözler,
Gözeldir perdeli ýüzler.

Gördüm men-menlik edeni,
«Men» diýip çenden geçeni,
Görmedim arşa ýeteni,
Gördüm giç puşman edeni.

Adam ogly bu dünýäde
Arzuw bilen ýaşaýandyr,
Ýöne welin, o dünýäňem
Aladasy aşa kändir.

Bir görüp tanalmaz ynsan,
Sabyr kylsaň, aýdar zaman,
Takat, kanagat, Rahman,
Wagt ähli zada derman.

# Teň bolar

Ýagşylykda özüň ile tanatsaň,
Alkyşlynyň eden işi oň bolar.
Ýamanlykda özüň ile göz etseň,
Ýanyň ýerden galmaz, halyň teň bolar.

Iliň gözi ölçär nähaky-haky,
Ýoldaşyňa bagly ýollaryň ýüki,
Guýa oklananda bir däliň çöpi,
Kyrk akyldar kyrk gijeläp jem bolar.

Her kim duýup bilmez kalpdan söýmegi,
Edep-ekram mydam söýgiň gaýmagy,
Içigaraň ak bolsa-da köýnegi,
El uzatsa, tutan zady jeň bolar.

Aý-günüň,  ýyllaryň hesibi bardyr,
Ýigit ot gorsansa, nesibi bardyr,
Hatamtaýy bardyr, Karuny bardyr,
Dünýäniň bazary mydam hyň bolar.

## Synpdaşlar

Ak mekdebe ätledik,
«A» harpdan başladyk,
Çagalykdan ýetişdik,
Ulalyp, synpdaşlar!

On ýyl bile okadyk,
Durmuş ýolun dokadyk,
Şükür, ýene duşuşdyk,
Jem bolup, synpdaşlar!

Ýyllar ýel bolup uçdy,
Ýaşlyk duşumdan geçdi,
Her kim bir ýoly seçdi,
Mähriban synpdaşlar!

Hany ol süýji günler,
Okadan mugallymlar,
Boýdaşlar, oglan-gyzlar,
Ýitmäliň, synpdaşlar!

Aýlar, ýyllar geçse-de,
Ara menzil düşse-de,
Ykbal bizi seçse-de,
Jemledi, synpdaşlar!

Hemme zat geçer gider,
Bizden ýatlama galar,
Bäşimnazar hem Soltan
Wasp etdi, synpdaşlar!

## Öwrenmegiň çägi ýokdur

Bu dünýe bir soňsuz kitap,
Tamam eden ýokdur okap,
Başgaçadyr munda hasap,
Öwrenmegiň çägi ýokdur.

Her dogýan Gün bir sahypa,
Biz – şägirt, dünýe – halypa,
Öten gün döner taryha,
Öwrenmegiň çägi ýokdur.

Niýet-päliň ýoldaş edip,
Ýaşaýyş maksat tutmakdyr.
Gün aýlanýar hallan atyp,
Öwrenmegiň çägi ýokdur.

Durmuş serhetsiz mekdepdir,
Manysy düýpsüz ummandyr,
Öwrenip amal edýänler
Iki dünýä ýaşaýandyr.

Ýumagyň çözlenşi ýaly,
Gider otyr durmuş ýoly,
Ýerbe-ýer eder bu pany...
Öwrenmegiň çägi ýokdur.

## Kakam

Oglanlykda oýnap-güldüm,
Jahyl çykyp, ata mündüm,
Aýdanlarňa giç düşündim,
«Gözden goran» diýen kakam!

Gijeler ýoluma bakyp,
Garaşyp, ukusyn ýakyp,
Gelemsoň, ýerine geçip,
Soň ynjalyp ýatan kakam!

Bütin ömrün zähmet çekip,
Çarkandakly ýollar geçip,
Gazanjyndan öý, toý tutup,
Perzentlerin seçen kakam!

Nädip ekläp-saklanyňa,
Gözüm ýetmän eken ýaşkam.
Ata bolup başlanymda,
Durmuş gözüm açdy, kakam!

Ata bolmak kyn ekeni,
Bolmadyk bilmez ekeni,
Kalbyma çöken tikeni
Indi kim çykarar, kakam?!

Ömür tanapyň üzüldi,
Başyma ýetimlik geldi,
Rahman diýr, hany indi,
«Balam» diýen diliň, kakam!

## Gyz agtygymyň toýuna

Ilkinji gyz agtygym,
Bu gün seniň bagt toýuň,
Saňa etjek arzuwym,
Bagtyýar bolgun, gyzym!

Görüp durmasam ýüzüň,
Ýetermikä kararym?
Eşidip duraýyn sözüň,
Ýatdan salmagyn, gyzym!

Öz elimde ulaldyň,
Ösüp kemala geldiň,
Bu gün gitmeli bolduň,
Bagtyňa sary, gyzym!

Pederiň pendin alyp,
Birek-biregi söýüp,
Galkan hem gala bolup,
Ojagy goran gyzym!

Bir bolanda taýly baş,
Iýmersiň minnetli aş,
Bahar bolar aňzak gyş,
Mähriňi çoýsaň, gyzym!

Ýüregimiň owazy
Derýaň tolkuny ýaly,
Joşup dilime geldi,
Goşga öwrülip, gyzym!

Jemal jan, bu sözleri
Ataň Ahmet sözledi,
Arzuwlaryny jemledi
Setire salyp, gyzym!

## Nazar eýle

Bagt, seni gözledim,
Maňa sary gelmediň,
Mekanyň ne, bilmedim,
Bar bolsaň, nazar eýle.

Ýüzlenerin dogrynça,
Garaşaryn ogrynça,
Jan tenimden çykynça,
Bar bolsaň, nazar eýle.

Yşkdyr meni ýaşadan,
Gerdenimde daşadan,
Garaýşyňdan üşedim,
Gor bolsaň, nazar eýle.

Bagt guşum, gonmadyň,
Asla ýada salmadyň,
Garaşdyryp, gelmediň,
Zar bolsaň, habar eýle.

Yşk nä saňa oýunmy?!
Men nädeýin, söýüldi.
Göwnüm saza meýilli,
Tar bolsaň, habar eýle.

Melhem bol teşne kalba,
Akyl ýokmaýar telbä,
Kysmat synagdyr bendä,
Hor bolsaň, habar eýle.

Şuň bilen sözüm tamam,
Seň bilen bolsun dowam,
Çen boldy diýer Rahman,
Bize-de nazar eýle.

# Magtymguly Pyragy

Seniň dürdäne sözleň – döwürleň şamçyragy,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.
Iň bagtyýar ynsan biz, Haktagalaň halany,
Gaýtalanmaz seniň ýaly, Magtymguly Pyragy.

Her sözüňde müň many, haýran edýär dünýäni,
Şygryň bilen gülledi şygryýetiň gür bagy,
Bagty çüwen türkmeniň geldi ajap zamany,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Berkarar döwlet islediň, islegiň hasyl boldy,
Agzybir il jem bolup, bary bir jan-ten boldy,
Bütin dünýäň türkmenleri bir suprada jemlendi,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Hakdan içen, halatly sen, her sözüňde halat bar,
Atań Azadyň patasy her bir işde ganat bor,
Sözden boldy ýaragy, öz iline medetkär,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

Belent heýkeliň guruldy ata Watan gujagynda,
Köpetdagyň saýasynda, paýtagtymyň aýasynda,
Taýyň ýokdur bu jahanda akyldarlaň arasynda,
Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.

# Hoş indi

Watanyň öňünde gulluk borjumy
Bitirmäge gidýän, käbäm, hoş indi.
Aglamagyn gözden döküp ýaşyňy,
Mähribanym, käbäm ejem, hoş indi!

Boýnumda mukaddes Watan goragy,
Aýralyga ynjar ene ýüregi,
Gaýgy etme hergiz esger ogluňy,
Mähribanym, käbäm ejem, hoş indi!

Eziz atam, beren duzuň haklaryn,
Eziz enem, emen süýdüm haklaryn,
Maňa eden ynamňyzy haklaryn,
Mähribanym, käbäm ejem, hoş indi!

Gözelleň içinden saýlap-söýenim,
Kalbymyň töründen orun berenim,
«Ilki söýgim, ilki bagtym» diýenim,
Iki ýyl aýralyk geldi, hoş indi!

Seniň bilen owal wada edipdik,
Ak kagyza ýürek, peýkam çekipdik,
Bileje oturyp kasam içipdik,
Wadaly, wepaly ýarym, hoş indi!

Ýarym gidýär diýip çytmagyn gaşyň,
Gynanyp egmegin derek deý başyň,
Sensiň ýeke-tägim hem göwün hoşum,
Tä gidip-gelinçäm, gülüm, hoş indi!

## Gutlag

Toý habary eşidilse,
Gamly göwün şat bolýar.
Toý tutulýan ojakda
Iň ýakynlar ýygnanýar.

Jemlenipdir dost-dogan
Bu gün siziň öýňüze.
Myhman bary gelipdir
Bu gün tutýan toýňuza!

Toýlar toýa ulaşsyn,
Gazanlar gaýnap bişsin!
Dokuz aý, dokuz günden,
Gelinler pişme seçsin.

Abraýyňyz, adyňyz,
Arkama-arka aşsyn.
Belent bolup başyňyz,
Egsilmesin aşyňyz.

Bu döwletli ojagyň
Ody alawlap dursun!
Iýeniňiz ýag bolup,
Geýilen ýüpek bolsun!

Öýke-kine dep bolsun,
Öýler şatlyga dolsun!
Arzuwlar hasyl bolsun,
Gapyňyzda toý bolsun!

Toý-tomaşaň bezegi
Aýdym bolar, saz bolar.
Goç ýigidiň toýunda
Göwün joşup, çag bolar.

## Ýatlaýan seni

Bagryma sünjüldi awuly tiken,
Tisginip oýansam, gijäň ýary eken,
Düýşüme giripsiň, aşygyn ýakan,
Düýşde-de, huşda-da ýatlaýan seni.

Didaryň görmesem, geçmezdi günler,
Göz kaklyşsa, köşeşerdi göwünler,
Çözülmedi ara düşen düwünler,
Bu gün aýralykda ýatlaýan seni.

Pynhan duşuşygmyz erkimiz alar,
Tamşanyp dodaklar dodaga deger,
Söýgimize şaýatdyr tüm gijeler,
Aý dogan çagynda ýatlaýan seni.

Bagt üçin göreşip çekdik azaby,
Ýaşlygyň gunçalap gül açan çagy,
Bizi aýra salan bu keç ykbaly
Näletläp-näletläp, ýatlaýan seni.

Ähtimiz, wadamyz kadadan çykdy,
Yşk ataşy lowlap, köremän öçdi,
Törüme, ornuňa nätanyş geçdi,
Ýat ýüzlere bakyp ýatlaýan seni.

Pelegiň oýnundan bagrymyz para,
Çarhyn aýlap saldy bitmejek ýara,
Men-ä hiç-le weli, gyýylýan saňa,
Ýazylmadyk bagtym, ýatladym seni.

# Gutly bolsun!

*Şu gutlag Söýenç inimiň hem-de*
*Eneş hajybibi uýamyň ogly Allanazaryň hem-de*
*Mähribanyň bagt toýuna bagyşlanýar*

Türkmeniň däbini saklap,
Atalyk borjuňy haklap,
Zähmet çekip, halal işläp,
Tutan toýuň gutly bolsun!

Döwletli ojakda dogup,
Ene-ataň alkyşyn alyp,
Allanazary öýerip,
Tutan toýuň gutly bolsun!

Döwletiň başy oguldyr,
Taýly ogul-gyzlaryň bar,
Ilim-günüm ýüze sylýar,
Döwletiň dowamly bolsun!

# Söýenç jan

Ýigrimi bir ýyl bolupdyr
Eneş bilen toýuňa.
Bu gün gabat gelipdir
Seň öýlenen günüňe.

Gör, ne ajap, ne gözel
Gabat gelen goşa toý.
Siz üçindir şu gazal,
Eý, bagtly ojak-öý!

Neneň waspyň etmäýin,
Seň begenen günüňde.
Çagalykdan ulaldyň
Meň şujagaz elimde.

Bu gün bolsa ulalyp,
Ösüp kemala geldiň,
Eneş-ä gaýyn ene,
Sen gaýyn ata bolduň.

Rahmanyň elleri
Ýazandyr bu sözleri.
Size muny bagyş eden
Muhammediň dilleri.

# Toýuň mübärek bolsun!

Türkmenistan Watanym,
Guwanjym hem buýsanjym.
Bagtym, hazyna-genjim,
Toýuň mübärek bolsun!

Garaşsyzlygy aldyň,
Bitarap döwlet bolduň,
Doganlyk sazyn çaldyň,
Toýuň mübärek bolsun!

Baky Bitaraplygyň
Bütin dünýä ýaň saldy.
Dost-dogan gutlap geldi,
Toýuň mübärek bolsun!

Şöhratyň arşa galýar,
Älem ýüzüne sylýar,
Diller waspyňy edýär,
Toýuň mübärek bolsun!

Gahryman Arkadagly,
Sowulmaz bahar-ýazly,
Baky Bitarap şanly,
Toýuň mübärek bolsun!

Arkadagly Gahryman
Serdarymyz mähriban,
Bir suprada jemleýän
Toýuň mübärek bolsun!

# Pagtaçy gözel

Joralaryň bilen işe geçeňde,
Bir görüp haladym gyzlaň içinden,
Perwana men, aýdabilmän daşymdan,
Ýürek syrlarymy, pagtaçy gözel!

Synladym pagtaly atyz içinde,
Joralaryň aýlanyp dur daşyňda,
Ak ýaglygy oranypsyň başyňda,
Güler ýüzüň bilen, pagtaçy gözel!

Ýekelikde saňa duşasym gelýär,
Söýgi sözlerimi aýdasym gelýär,
Yşk ýüküni bile çekesim gelýär,
Paýlaşyp derdimi, pagtaçy gözel!

Pagtaçy adyň bar, çalasyn elli,
Boýdaşlaň içinde ýygymçy belli,
Edepli-ekramly hem şirin dilli,
Işiniň ussady, pagtaçy gözel!

Saba-säher jahan aý-aýdyň, ýagty,
Asmanyň arassa iň tämiz wagty,
«Senden başgalardan gözlemen bagty»
Diýip söz berýärin, pagtaçy gözel!

## Sen onda, men munda, ýar!

Aýralyk ýeli ösüp,
Söýgimizi uçurdy,
Bizi aýra düşürdi,
Sen onda, men munda, ýar.

Biri duzak gurdumy?
Duşmanymyz bardymy?
Ýa-da pelek urdumy?
Sen onda, men munda, ýar!

Özgä gelin boljagyň,
Aýralygyň geljegin,
Gowluk bolsun görjegiň,
Sen onda, men munda, ýar!

Hemme zat çyndyr öýtdük,
Hileden ýanyp-bişdik,
Ömürlik jyda düşdük,
Sen onda, men munda, ýar!

# Pent

Garga deý gagyldaman,
Saýrasaň, bilbil bolgun!
Söz manysyn bilmeseň,
Laldan görelde algyn!

Dana pendine eýer,
Her zadyň jaýyn bilgin.
Kalbyň rahatlyk duýar,
Hemmelere deň bolgun!

Dost dostundan tanalar,
Şuny ýatdan salmagyn.
Gyz eneden tanalar,
Saýlaňda unutmagyn!

Öz-özüni tanaman,
Gülenlerden bolmagyn.
Peşeden pil ýasaman,
Göwni peslerden bolgun!

Pendimi isleseň, al,
Islemeseň, özüň bil!
Rahman diýer, il – aýna,
Özüňi tanajak bol!

# Joşgun

Öwsüp sergin saba ýeli,
Ak daňlar saz bereninde,
Erkime goýmaýar meni,
Aýdym joşýar ýüregimde.

Şat baharyň dünýä beren
Güllerini görenimde,
Bu barlyga söýgi bilen
Aýdym joşýar ýüregimde.

Asuda, açyk asmanda
Guşlar ganat gereninde,
Ylham aty çapyp çar ýan,
Aýdym joşýar ýüregimde.

Erkana jerenler ýaly,
Uç-gyraksyz Garagumda,
Ýaşlygyň arzuw-hyýaly –
Aýdym joşýar ýüregimde.

Görüp durmuş höwesini
Deň-duşlaryň ýüzlerinde,
Ejemiň hüwdüsi ýaly
Aýdym joşýar ýüregimde.

## Söwer ýar

Sen hakda pikirlerim,
(Kändir Haka şükürlerim)
Ganatlydyr setirlerim,
Sözleriňden, söwer ýar.

Aşyk göwnüň oňlany,
Her bakyşyň müň many,
Joşýar yşgyň ummany,
Gözleriňden, söwer ýar.

Ýaşlykdan ýetip ýelgin,
Görküňi gözläp geldim,
Göge galkynýar göwnüm,
Näzleriňden söwer ýar.

Yşk sözüni diýdigim,
Saýlap-seçip söýdügim,
Owazlanýar aýdymym,
Ýazlaryňdan, söwer ýar.

## Güller bilen

Göz güldürip, uz garanym,
Kamatyň kalba kararym,
Sözläýin saňa salamym,
Säher sergin ýeller bilen.

Saçy ýüpek deý ýarymyň,
Taryplasam her taryny,
Gözel göwnüňde baryny
Sözle şirin diller bilen.

Görmedim men seniň ýaly,
Yşk derdime melhem ýaly,
Bakyşlaryň ylham ýaly,
Joşdurýar aý-günler bilen.

Görsem golaýlap geleniň,
Ýerde-gökdäki dilegim,
Göwnüň göreýin, geregim,
Sowgat berip güller bilen.

# Ömürbaky ýanýoldaşym
(degişme äheňinde)

Yşgy bilen galam-gaşyň,
Heser tapdy garabaşym,
Ömürbaky ýanýoldaşym
Diýip saýlanym, gelinbaý!

Seni maňa ýazan Huda,
Düşürmesin bizi jyda,
Gel, bir ömür zowky-sapa
Süreli bile, gelinbaý!

Çaýyň-naharyň bal ýaly,
Öýüň-içeriň gül ýaly,
Islemen başga zenany,
«Hähim» ýetirseň, gelinbaý!

Ýaşymyz bir çen bolsa-da,
Düýşüme hüýrler girse-de,
«Saýlanyň seňki» diýse-de,
Çalyşman seni, gelinbaý!

Kä oturyp, göwnüm alýaň,
Käte-de göwnüme degýäň,
Ýöne welin, çeniň bilýäň,
Şoňa-da şükür, gelinbaý!

# Ýola çyksaň ýagşy adamlar bilen

Ýola çyksaň ýagşy  adamlar bilen,
Ýol gysgalyp, ömür ýoluň uzalar.
Ýola çyksaň ýagşy  adamlar bilen,
Iýeniň-içeniň jana noş bolar.

Ýola çyksaň ýagşy adamlar bilen,
Gezdigiňçe, ýene gezesiň geler.
Göwünler ysnyşar, sözler alyşar,
Dünýäň o çetine aşasyň geler.

Ýola çyksaň ýagşy adamlar bilen,
Ýüki ýeňlär ýagyr bolan gerdeniň.
Tutulan maksadyň gylla ýarydyr
Uzak ýola hemra bolan hemdemiň.

Ýola çyksaň ýagşy adamlar bilen,
Peşe ýaly zada göwni hoş bolar.
Tanarsyň, tanarlar  edebiň bilen,
Alkyş alsaň, işiň mydam oň bolar.

Ýola çyksaň ýagşy adamlar bilen,
Uzak iller ýakyn bolup görüner.
Är kişiler ýagşylykda tanalar,
Ýagşylyk aýlanyp, özüňe geler.

## Durmuş kyssasy

Men bir ejiz, gözüm ýaşly,
Synam dagly, bagrym daşly,
Ençe ýyllar jyda düşen,
Söwer ýar ýara gowuşdy.

Çagajyklar entek ýaşdy,
Atalary aýra düşdi,
Kakam diýip kän garaşdy,
Ata perzende gowuşdy.

Büdremesin maňlaý aty,
Adam başy daşdan gaty,
Iýdirmäwersin minneti,
Namysym ara gowuşdy.

Şükür şu başym amanda,
Ýaşadym ýördüm gümanda,
Güýç-kuwwatym asgynlanda,
Ýoklugym bara gowuşdy.

Ýalňyz başym hem çagalam,
Ýat boldy toýdur şagalaň,
Alladan eden dilegim,
Biribaryma gowuşdy.

Ykbal hökümin ýöretdi,
Ejizletdi hem entetdi,
Şükür, ahyry şat etdi,
Söwer ýar ýara gowuşdy.

Bu gün bagt gülüp bakdy,
Dost-doganlaň bary üýşdi,
Garaşylan pursat ýetdi,
Eden arzuwym gowuşdy.

## Bu ýalançyň gurluşy

Bu ýalançyň gurluşy
Misli küşdüň düzülşi.
Göçmeseň seresaply,
Bolar sen agyr taply.

Bu ýalançyň gurluşy,
Kyn sowallaň çözülşi.
Müň synag hemem aldyr,
Sapaly günler saldyr.

Bu ýalançyň gurluşy,
Ýokmaz itiň gargyşy.
Ak garadan saplanar,
Polat otda taplanar.

Bu ýalançyň gurluşy,
Nesip paýyň berlişi.
Rehnet soňy güzabyň,
Götär seni azabyň.

## Aýdyşyk

*Oglan:*
Haýsy bagyň güli sen?
Seň saýrak bilbiliň men.
Rugsat berseň, gonaýyn,
Sen – gülüň aşygy men.

*Gyz:*
Ýolumdan sowul, oglan,
«Aşyk men» diýip durma-da.
Gülüňi bagdan gözle,
Ýolda saýrap ýörme-de.

*Oglan:*
Gül keşbiň mejnun etdi,
Neneň aşyk diýmäýin?!
Bir görüp huşum gitdi,
Neneň onsoň söýmäýin?!

*Gyz:*
Aşyklyk agyr haldyr,
Mejnunlyk ýeňil däldir,
Iliň aýnasy ildir,
Aýdarlar aýdyň, oglan!

*Oglan:*
Men yşga uýamokmy,
Gyz kalbyň duýanokmy?
Geýdirdiň köýnek otly,
Saklan, gyz, derman eýle!

*Gyz:*
Ýaşardym imi-sala,
Ýolukdy başym bela,
Saldy sözleň howsala,
Eý, Taňrym, aman eýle!

*Oglan:*
Geldim uzak ýol aşyp,
Toý tutsak dolup-daşyp,
Men yşgyňda hak aşyk,
Saklan, gyz, rehim eýle!

*Bilelikde:*
Yşgymyz, goý, gül açsyn,
Gün bolup nurun saçsyn,
Söýgüde wepa-wada
Myradyna gowuşsyn!

# Gutlag

Elli ýaşy arka atyp,
Altmyşyňa gadam basyp,
Halal rysgal, döwlet tapyp,
Ýeten ýaşyň gutly bolsun!

Ömürboýy zähmet çekdiň,
Kynçylykdan rüstem çykdyň,
Goýan maksadyňa ýetdiň,
Döwletiň dowamly bolsun!

Kötel-kötel ýollar geçip,
Niýet-päliň düzüw tutup,
Halal iýip, halal içip,
Ýeten ýaşyň gutly bolsun!

Atańdan alan göreldäň
Nesliňe boldy ýörelgäň.
Bu gün elli ýaş dabaraň
Altmyş, ýetmiş dowam bolsun!

Durmuşa dogry garadyň,
Hakyň ýolundan ýörediň.
Bu gün orta ýola geldiň,
Ýene şunça nesip etsin!

Belent bolsun mydam başyň,
Egsilmesin halal aşyň.
Dünýäde mydam ýagşylar
Ömrüňe ýar-ýoldaş bolsun!

Taýly ogul, gyzly bolduň,
Taýly goşa gelin aldyň.
Bagtyň binasyny saldyň,
Hemmesi mübärek bolsun!

Dogan bar dogan ýerinde
Dostlaryň bar dost ýerinde,
Artyk bagt bormy heýde?
Ýörän ýodalaň ýol bolsun!

Kakadurdy aga bolduň,
Ata bolduň, baba bolduň.
Uly abraý-ady aldyň,
Uzak ömür nesip etsin!

## Göwnüm

Nirede sen, ilki  söýgim,
Sende galdy şatlyk-gaýgym,
Bu gün küýsedi ýüregim,
Salgyma aldanan göwnüm.

Kalbym goýmady erkime,
Bu bagt  berilmez her kime,
Seniň owadan görküňe
Maýyl bolup galan göwnüm.

Mekdepde bile okanym,
Yşgyň oduny ýakanym,
Kalba keşbiňi çekenim,
Teşnedir meňziňe göwnüm.

Mekdep ýyllarym ýatlaýyn,
Ýaşlyk dünýämä ätläýin,
Ýüregňe ünji gatmaýyn,
Sabyr etgin, geçer, göwnüm.

Şeýle şat geçýärdi günler,
Tarypyna ýetmez diller,
Söýgimize şaýat iller,
Ýa göz boldy, ýa dil, göwnüm.

Ine, bir gün hatyň aldym,
Begenip, asmana galdym,
Hatyň okap gamgyn boldum,
Begenip-gynanan göwnüm.

Arzuwym başa barmady,
Takdyrym bagta ýörmedi,
Bijäme rowa görmedi,
Sensiz galyp ynjan göwnüm.

Men-ä gulluga gitdim,
Senem toý şaýyň tutduň,
Kimi bagtyýar etdiň,
Bagtyňy islän göwnüm.

Seniň ýazan hatlaryň,
Içinde suratlaryň,
Aram-aram gatlaryn
Agtarýan şindem, göwnüm.

Belki, dogry edensiň,
Diýen bagtyň tapansyň,
Ak bagta mynasypsyň,
Şaýady diýýär göwnüm.

Jahyldym, boldum ata,
Belki, senem bagtly ene,
Bagtyň zyýat bolsun ýene,
Şonda aram tapar göwnüm.

Ak günleriň aýasynda,
Ýaşa söýgiň saýasynda,
Menem ýatlap arasynda
Şygyr goşýan saňa, göwnüm.

# Ýatla

Bir gün başa döwlet gelse,
Garyp ýanyň ýerden galsa,
Agyr günüň yzda galsa,
Hergiz geçen günüň ýatla.

Bu pelegiň oýny köpdür,
Alnan deme ynam ýokdur,
Halal-haram, hasap hakdyr,
Şoň üçin geçeniň ýatla.

Tanagyn dosty-duşmany,
Az bolar hak dostuň sany,
Aş dostudyr bulaň käni,
Baş dostuň hemişe ýatla.

Toýa barsaň, töre geçme,
Ilden çykma, serden göçme,
Göz üçin puluňy seçme,
Nana zar günüňi ýatla.

Dilegim Biribardan,
Ilim bolsun abadan,
Şükür edip, sen Rahman,
Hemişe haky ýatla.

# Ýada düşdi

Işden çykyp, öýe gaýtdym,
Ýol boýunda oýa batdym,
Ýolda aşyklara duşdum,
Geçen günlem ýada düşdi.

Ýol üstünde aýak sekdim,
Seýilgähde dyzym epdim,
Şo-ol nerkes gözlerde ýitdim,
Syrly ýyllar ýada düşdi.

Otyr eken iki juwan,
Jady gözler, aman, aman,
Ýürek para, bagrym girýan,
Ähtin bozan ýada düşdi.

Hazan ösdi, gülüm soldy,
Bagtly günler yzda galdy,
Didelermiz ýaşdan doldy,
Söýgiň güýji ýada düşdi.

Ine, ýene altyn güýzüm,
Hijran hakda çalýan sazym,
Seýkin basyp gelen uzum,
Hünji gözleň ýada düşdi.

Çyndan söýüň bir-biregi,
Söýgüdir dünýäň diregi,
Bagtyýar döwrüň geregi
Siz deý ýaşlar, gözüm düşdi.

Juwanlara bagt – arzuwym,
Köşeş, kalbym, sowaş, göwnüm,
Başa öýme alan gyzyň
Özgedigi ýada düşdi.

# Unutma

Ykbalyň  oýanyp, ata çykaýsaň,
Hemişelik däldir, injegiň bilgin,
At oýnadyp gezmän, edingin abraý,
Synag üçin geleniňi unutma.

Beýige dyrmaşsaň, düşmegem başar,
Ýamana ýanaşsaň, aýbyňy açar,
Hakykat iru-giç ýerine geçer,
Ahyr hasap soraljagyn unutma.

Hak nazaryn salsa, edeniň bolar,
Rysgal-bereketem, döwletem geler,
Her bir eden işiň tereză salar,
Halal-haram ölçeljegin unutma.

At üstüne münüp, küpür gepleme,
Bu gün meňki diýip düýni kyhlama,
Her bir zada müňkür bolup çaklama,
Güman etseň, iman gider, unutma.

Ýaman söz ynsanyň kalbyndan çykmaz,
Tyg ýarasy biter, söz ýara bitmez,
Mätäji goldasaň, serinden gitmez,
Goldan gelse, goldawyňy unutma.

Atyň büdremesin, ykbal ýatmasyn,
Eden işiň öz ýakaňdan tutmasyn,
Dalda isläp gelen nadyl gitmesin,
Pelek çarhyn aýlap otyr, unutma.

Dünýäň oýny kändir, kä gülüp bakar,
Käte begendirer, kä içiň ýakar,
Rahman diýr, ahyry hak ýolun tapar,
Ýörär bolsaň, hak ýoluny unutma.

## Göz ýetirdim

Oglanlykda oýnap gezdim,
Şatlyk gämisinde ýüzdüm,
Söýgi hakda goşgy düzdüm,
Hyýaldygyna göz ýetirdim.

Ýigitlikde serden göçdüm,
Iýdim-içdim, dolup-daşdym,
Herki zady çyna saýdym,
Ýalandygyna göz ýetirdim.

Biri gelýär, saga çekýär,
Ýene biri sola çekýär,
Her kes bähbidine çapýar,
Ine, şoňa göz ýetirdim.

Gyssanaňda, çyn dost ýeter,
Ýalan dostlar görmän öter,
Üstesine gepiň eder,
Nadan kimdir, göz ýetirdim.

Ýaşyň gitse, derdiň artar,
Ýamanlar tanapyň tartar,
Ýagşylar aýbyňy örter,
Päk ahlaga göz ýetirdim.

Köpdür munda ýaşap geçen,
Ýokdur aňyrsyna ýeten,
Bolmaz bu dünýäni tutan,
Gelen geçer, göz ýetirdim.

Günüň dolup, gelse perman,
Öz harydyn alar goýman,
Senden soramaz, Rahman,
Kaza hakdyr, göz ýetirdim.

# Pent

Müňkür, mekir çen eder,
Ýaman zady çyn eder.
Gümany ýoldaş edip,
Imanyny terk eder.

Bimaksat gönendirmez,
Ýaltalar gülündirmez,
Örklenen endik durmaz,
Kesel dek heläk eder.

Biedep ile paçdyr,
Garny dok, gözi açdyr.
Akyl-paýhasdan daşdyr,
Özün elýetmez eder.

Awulyja sözleýän,
Aýybyňy gözleýän,
Amatyňy peýleýän,
Yzyňdan gepiň eder.

Çyn musulman deň garar,
Ak-garany il tanar.
Hak öňünde baş egen,
Ýürekden toba eder.

Pany hemmeden geçer,
Ýagşy-ýamany seçer,
Herkim edenin çeker,
Baryn ýerbe-ýer eder.

Alyşgandyr adamzat,
Dura-bara ýer eder.
Rahman diýer ýagşy söz,
Doň ýüregi ereder.

# Ak mekdebim

Ilki salamdan başlap,
Gujak açan mekdebim.
Mähir hem yhlas bilen
Ýolum açan mekdebim.

Eglen ýaşlygym, eglen,
Gujagy gyz-u-oglan,
Ene hem ata bolan,
Mähriban ak mekdebim.

Sen peder, biz perzendiň,
Öz goýnuňdan ýer berdiň,
Bilimiň gaýgyrmadyň,
Biz üçin ak mekdebim.

# Ähli zatdan ileri

Ähli zatdan ileri,
Namysdyr owal başda.
Är ýigitler saýlanar,
Ýowda, jeňde, söweşde.

Ähli zatdan ileri,
Gymmatyň seň Watanym.
Birdir seniň öňüňde
Andym hem-de kasamym.

Ähli zatdan ileri
Ojaklaň halal ody.
Çagalarym - guwanjym,
Billerimiň kuwwaty.

Ähli zatdan ileri
Sag ýatyp, aman turmak.
Musulmanyň dilegi
Imany ýoldaş bolmak.

# KALP OWAZLARY

# Arzuw

Dost-dogan gatnaşsyn, açylsyn göwün,
Galmasyn hiç kimde öýkedir-düwün,
Hoş habar buşlugy bolsun her günüň,
Dünýämiz parahat, ýurt abat bolsun!

Her saba, her säher dileg edeliň,
Geçilen günlere şükür edeliň,
Geljek günlere hem sabyr edeliň,
Sabyrly gul dura-bara şat bolsun!

Enesinden halal, ak süýdi emen,
Ýaman aýbyn ýapyp, ýagşysyn ýaýan,
Haramy näletläp, halaly söýen,
Parhyn bilip, seljerýänler köp bolsun!

Aşyklar gowuşsyn söwer ýaryna,
Hakdan diläp ýeten bagt paýyna,
Wepa mähir paýlan ojak-öýüne,
At-abraýly maşgalalar kän bolsun!

Bilip bir-biregiň sarpa-gadyryn,
Gülküdir şatlyga bereliň orun,
Şudur ýürekdäki uly arzuwym,
Kalbymyz arassa, niýet päk bolsun!

## Güýzüm geldi

Ýaldyragyň ýalny geçip,
Salkyn şemal göwün açyp,
Alma, nar miweler bişip,
Bereketli güýzüm geldi.

Altyn öwsüp reňki-roýy,
Tebigat agras, goýazy,
Toýlanyp dur Hasyl toýy,
Rysgally güýzüm geldi.

Kä uçuryp, kä gonduryp,
Kalby owazdan gandyryp,
Salmany suwdan dolduryp,
Ýagmyr ýagyp, güýzüm geldi.

Asmanda durna hatary,
Toýnak gurap barýar bary,
Garap durun asman sary,
Ter duýguly güýzüm geldi.

Pasyllarymyz aýlanyp dur,
Bir-birinden saýlanyp dur,
Sarylyga eýlenipdir,
Sahawatly güýzüm geldi.

## Bedewler

Ýel dek ýüwrük ýyndamdyr,
Bäsleşende bedewler,
Ynsan dek gylyklydyr,
Ýyldyrymdyr bedewler.

Ýola çyksaň, ýoldaşdyr,
Ýekelikde syrdaşdyr,
Toý güni göwündeşdir,
Wepaly dost bedewler.

Jahan içre tanalýar,
Waspy dünýä ýaýylýar,
Kitaplarda ýazylyp,
Taryplanan bedewler.

Ginnesde hem ady bar,
Gyratyň şöhrady bar,
Görogla hem dost-hossar,
Şan-şöhratly bedewler.

Ahalteke bedewim,
Altyn öwser bedeniň,
Toýda waspyn edenim,
Ak ykbally bedewler.

Säher tur, gör ataňy,
Atańdan soň atyňy,
Bezär taryh gatyny,
Gamyşgulak bedewler.

Göwünleriň buýsanjy,
Türkmenleriň guwanjy,
Berkararlyk daýanjy,
Dal kamatly bedewler.

## Täze ýyl

Şatlyk paýlap ilime,
Gülüp gelen Täze ýyl!
Nur-öwüşgün zemine,
Alyp gelen Täze ýyl!

Arça bary bezeldi,
Çagajyklar begendi,
Toý lybasyn geýindi,
Uly-kiçi, Täze ýyl!

Garpamyk, Aýazbaba,
Çagalaň gözi ýolda,
Garaşýarlar sowgada,
Goşgy aýdyp, Täze ýyl!

Saçak nygmatdan dolar,
Her bir öýde toý bolar,
Üýşüp arzuw ediler,
Sen geleňde, Täze ýyl!

Köne ýyl geçdi gitdi,
Taryhda ornun tutdy,
Seniň nobatyň ýetdi,
Şatlyk paýla, Täze ýyl!

Bir-biregi gutlanar,
Ynsan ähli şatlanar,
Gaýgy-gussa ýat bolar,
Sen geleňde, Täze ýyl!

Ýat bolup öýke-kine,
Ak nur ýagýar Zemine,
Bagt diläp her kime,
Göwün joşýar, Täze ýyl!

Döwlet guşy uçup ýör,
Söýgi ýalkym saçyp dur,
Her bir öýde şöhle-nur,
Hoş gelipsiň, Täze ýyl!

# 8-nji mart gutlagy

Ne ajaýyp, gözel zenanlar güni,
Toý toýa ulaşýan ajap zamandyr.
Öýüň, toýuň, bu durmuşyň bezegi,
Mähriban eneler, juwan zenanlar!

Al-ýaşyl geýinip, çykar seýrana,
Bilbiller saýramaz, galar haýrana,
Gözelligi mähir paýlar çar ýana,
Gözbaşyn edepden alan zenanlar!

Halkara baýramy, gül açýar ýazlar,
Gutlanýar gelinler, owadan gyzlar,
Aýdylýar aýdymlar, çalynýar sazlar,
Şanyňyza joşup, mährem zenanlar!

Toý lybasyn geýýär berkarar mekan,
Ýaňlanýar belentden saz bilen mukam,
Adyňyz tutulýar ýekänme-ýekän,
Sizi çyn ýürekden gutlap, zenanlar!

Şatlyk-şowhun, gyzyl güller bark urýar,
Ýigitler siz üçin hyzmatda durýar,
Söýgüden, yşykdan ýürek joş urýar,
Bolup, şatlygyňyza şärik, zenanlar!

## Dokmaçylar

Dokma darak kakan eller,
Halal zähmet çeken eller,
Taryp edip, saýrar diller,
Waspyňyzy, dokmaçylar!

«Ak altyndan» önen önüm,
Her birisi dünýä mälim,
Durşuna terbiýe-tälim,
At-abraýly dokmaçylar.

Dürli görnüş egin-eşik,
Uly-kiçi hemme aşyk,
Jana şypa ýorgan-düşek,
Öndürýändir dokmaçylar.

Ýüzläp bardyr kärhanalar,
Müňläp işlär gelin-gyzlar,
Işe ussat hünärmenler,
Kärin söýer dokmaçylar.

Gadymdan gelýändir bu kär,
Bilýändir mama-eneler,
Görelde alýar nesiller,
Işe ussat dokmaçylar.

«Ak altynyň» her hanasy,
Dünýä genji-hazynasy,
Egrip-dokap, zer atlazy,
Döredýändir dokmaçylar.

Dürli önüm döretdiňiz,
Bäsleşip ýeňşe ýetdiňiz,
Äleme belli etdiňiz,
Türkmenleri, dokmaçylar!

# Arzuw

Her bir ynsanyň kalbynda,
Orun alyp bilýän arzuw!
Ýaran edip ýagşylyga,
Ömür ýaşap gelýän arzuw!

Gidýäň-gelýäň, menzil aşýaň,
Sabyrsyz saňa garaşýan,
Ömri gülledip, ýaşadýan,
Köňle ýagty salýan arzuw!

Pessaýlap, soň göge uçýaň,
Hemmelere gujak açýaň,
Ýüreklere nuruň saçýaň,
Islegleri duýýan arzuw!

Seniň bilen gözel durmuş,
Owadan dünýe, ýaşaýyş,
Gülle, parla, asmana uç,
Pajarlasyn eýýam, arzuw!

## Güle-güle

Göwnüm alan eý gözel,
Döndüm aşyk bilbile.
Hak aşyk yza dönmez,
«Razy» diý güle-güle.

Rehim eýle ýaşyma,
Hazan urdy huşuma,
Gije girip düýşüme,
Köseýäň güle-güle.

Ýar, ýoluňa garaýan,
O ýan-bu ýan ýöreýän,
Söýgümi etsem beýan,
Kabul et güle-güle.

Mawy asman gözleriň,
Baldan süýji sözleriň,
Sen naýbaşysy gyzlaryň,
Saýlanýaň güle-güle.

Daşyňda perwanaň men,
Aşyklygym bilýäň sen,
Bilmezlige salýamyň,
Gol uzat güle-güle.

Çäksiz söýgi döretdiň,
Duýgularymy eretdiň,
Göz astyndan garatdyň,
Näz edip güle-güle.

Näz eýleseň, çekeýin,
Synag etseň, geçeýin,
Yşk meýinden içeýin,
Seň bilen güle-güle.

Arzuwlar hasyl bolsun,
Toýmyza myhman gelsin,
Owazy dünýä dolsun,
Şatlanyp güle-güle.

## Saçyň

Güler ýüzüň, ak alkymyň,
Derek boýa gurban başym.
Haýran edýär öwşün atýan,
Gulaç-gulaç gara saçyň.

Sen kalbyma bezeg-zynat,
Aklym alan, eý, perizat,
Çekdirme «ah» bilen perýat,
Huşum aldy gara saçyň.

Hünji deý düzülen dişiň,
Ýaý dek gyýma galam gaşyň,
Aýny wagty juwan ýaşyň,
Nogta ýaly gara saçyň.

Uz basyp, assa ýöreýşiň,
Näz edip, ogryn garaýşyň,
Durşuna sungat döreýşiň,
Owsun atýar gara saçyň.

Ak ýüzüňe ýaraşykdyr,
Billeriňe dolaşypdyr,
Yşkym ot dek tutaşypdyr,
Gören çagym gara saçyň.

Gardan ak mymyk bilegiň,
Dünýede sensiň dilegim,
Ýeke-tägim hem geregim,
Nesip etsin gara saçyň.

Yşkyňda eräp-akar men,
Nika ýüzügin dakar men,
Ýene doýmanlar bakar men,
Nurlandyryp gara saçyň.

# Dildar

Saý-sebäpden duşan ýar,
Seni göresim gelýär.
Kalbymda arzuw-hyýal,
Joş urýar, näzli dildar!

Baran wagtym ýanyňa,
Saýrak dil dönýär lala,
Söz gelmez zybanyma,
Özüň bir zat diý, dildar!

Sen şeýle bir mylaýym,
Asmanda dogan Aýym,
Ýürek diýýär: «Bol taýym!»
Ömrüň manysy dildar!

Duşan wagtym ýagyşdy,
Zemin ýüzi gül açdy,
Aý aýlandy, ýyl geçdi,
Çen boldy, oýlan, dildar!

Ilki kalbym açanym,
Gözellerden seçenim,
Nesip etse gujagyň,
Ýokdur, armanym dildar!

Söýmeklik hem söýülmek,
Bagtyň açary diýmek,
«Göýä süýt bilen gaýmak»
Diýsinler bize, dildar!

# Söýgi

Näzli garap ýüzüme,
Ýar sataşdy gözüme,
Ynanmady sözüme,
Bu ne ahwaldyr, söýgi?

Ýaňy on alty ýaşda,
Ýakdy bir gyz ataşda,
Goýmady akyl-huşda,
Beýle bolarmy, söýgi?

Gijelerne uky ýok,
Söz gatsam, ýüz berenok,
Ýürek diýen edenok,
Şeýle bolarmy, söýgi?

Barja bolan baýlygym,
Kalbymdaky şalygym,
Yşkym – bar bagtlylygym,
Ynanaý, ynan, söýgi?

Alawmy ýa otmy sen,
Perýatmy ýa datmy sen,
Şekermi, nabatmy sen,
Syryňy aýdaý, söýgi?

Ýa bir şirin duýgumy,
Jebir-jepa, gaýgymy,
Ýürekleriň aýdymy,
Mähir-wepamyň, söýgi?

Söýgi, sen jadyly zat,
Gaýgydan edýäň azat,
Gül ömri eýlän zyýat,
Jana melhemmiň, söýgi?

Her kes duşup taýyna,
Ornaşsyn bagt jaýyna,
Men hem söýen Aýyma,
Bir gün duşaýyn, söýgi!

# Sallanyp geçen gözel

Bagda açylan gunça,
Sallanyp geçen gözel!
Söýen ýok seni mençe,
Sallanyp geçen gözel!

Näz eýleýip esetdiň,
Yşk odun ýakyp gitdiň,
Sergezdan-sepil etdiň,
Sallanyp geçen gözel!

Ýörişiň messan-messan,
Dilime geldi dessan,
Gujagy bagy-bossan,
Sallanyp geçen gözel!

Sen älem perizady,
Tutaşan söýgi ody,
Ýalňyz göwnümiň şady,
Sallanyp geçen gözel!

Garap-garap doýmadym,
Waspyň dilden goýmadym,
Belki halym duýsadyň,
Sallanyp geçen gözel!

Aý kibi saçdyň nuruň,
Görküňe garap durun,
Sen Leýli, men Mežnunyň,
Sallanyp geçen gözel!

# Perizadym

Dünýäde geregim, baýlygym-barym,
Kalbymyň töründe ýaşaýar adyň,
Kararym ýok, gitme, gel, göwün şadym,
Sen diýip ýaşaýan, eý, perizadym!

Alkymyň meňzeýär daglaň garyna,
Hak aşyk kast etmez söwer ýaryna,
Isleseň, gideli erem bagyna,
Başym gurban saňa, eý, perizadym!

Gözelleň içinde göwün berenim,
Akyl-huşum, erkim elden alanym,
Ilki söýgim, ilki bagtym diýenim,
Gitme, bagtym bolup gel, perizadym!

Isleseň, bereýin dünýe malyny,
Seň üçin aýaman hany-manymy,
Gararyn gelinçäň seniň ýoluňy,
Ýolda goýma gözüm, gel, perizadym!

Şanyňa düzýärin goşgudyr gazal,
Ömrümiň bezegi ýeke-täk Gözel,
Dogan däldir sen deý eneden ozal,
Gyzlaryň seresi, gel, perizadym!

## Oýlanma

Elli ýaşda säher bilen,
Ýöremegi endik etdim.
Arassa, sergin howada,
Dag-düzlere ýöriş etdim.

Bir gün ýeke çykan wagtym,
Ýöredim hem oýa batdym.
Çaga ýaly, bu durmuşda,
Birtopar zat arzuw etdim.

Täze durmuş gaýdyp gelse,
On sekiz ýaş elde bolsa,
– Islegikçe ýaşa – diýip,
Öňümde kyn şertin goýsa.

Tapardym köne söýgimi,
Gaýtalap şol joşgunymy.
Apalardym, goraglardym,
Köýdürmezdim ýaşlygymy.

Boş geçirmän bir günümi,
Alnynda egip başymy.
Ejem jana gulak asyp,
Öwrenerdim ýaşamagy.

Birnäçe gyz söýen ýürek,
Neçün bolduň sen janserek?
Indi bilýän, ynsan üçin,
Okuw gerek, bilim gerek.

Alada ýok, keýpiň gowy,
Gije ýatman, turýaň guşluk.
Hä diýmänkäň, geçip gidýär,
Towsup duran juwan ýaşlyk.

Niredekä geçen ýyllar,
Menden ara açan ýyllar?
Gara başy aga öwrüp,
Juwanlykda uçan ýyllar.

Şeýdip, ýaşlyk ýyllaryma,
Bir pursatlyk seýran etdim.
Arzuwlaryň dünýäsinde,
Öz-özüme içim dökdüm.

# Bu durmuşyň ýollary

Ynsana hemra bolan,
Bu durmuşyň ýollary.
Alysdan gözbaş alan,
Bu durmuşyň ýollary.

Misli goja daragt,
Kökün ýere urupdyr.
Ondan çykan şahalar,
Asmana birigipdir.

Çar tarapa ýol kändir,
Älem içre ýaýrandyr.
Dogrusyndan ýöregin,
Egrisinde iş bardyr.

Dünýä uly çeniňden,
Meňzeş äpet daragta.
Harama ejir berýär,
Halal ýol barýar bagta.

Gün wagtynda dogup dur,
Aý hem wagtynda dogýar.
Bu durmuşyň ýollary,
Çar tarapa uzaýar.

Gezeklidir bu zaman,
Gülleder ykballary.
Duşurar bagta hökman,
Bu durmuşyň ýollary.

Özüni tanan - weli,
Sözleri ýerbe-ýerdir.
Düz bolsa niýet-päli,
Tutan işi düzüwdir.

Bu dünýe bir göreşdir,
Kim ýykylar, kim ýykar.
Kalby tämiz kişiler,
Hemişe üstün çykar.

Kynçylyga garaman,
Külterläber ýyllary.
Haýyrlydyr Rahman,
Bu durmuşyň ýollary.

## Nesihat

Sabyrdyr bagtyň gözbaşy,
Muňa düşünmez her kişi,
Kyn günüň kylma teşwişi,
Şat günüň geler, sabyr et!

Rysgyňy Alla berýändir,
Halal iýýänler bilýändir,
Halal lezzet göwnejaýdyr,
Kalbyňy päkle, sabyr et!

Nebis diýen bela bardyr.
Sabyrsyzlar oňa ýardyr,
Haramdan saklanan zordur,
Kanagat eýle, sabyr et!

Alňasama, ýaşlyk etme,
Dürs ýol barka, terse gitme,
Öz-özüňi oda itme,
Süýji durmuşa sabyr et!

Her bir başda kynçylyk bar,
Kim ýag iýer, kim zada zar,
Bitakat çekermiş azar,
Hemme zat myhman, sabyr et!

Bardyr ynsan, işi oňdur,
Tutumlary ugrunadyr,
Bu geň däl, sabryň oýnudyr,
Erkiňi sakla, sabyr et!

Çyn yhlas tapýandyr myrat,
Sabyrly – dura-bara şat,
Harsydünýä çeker azap,
Maksat-myrada sabyr et!

Garyp diýip kemsinmegin,
Baý bolarsyň jepa bilen,
Görersiň zähmet rehnetin,
Eşretli güne sabyr et!

Ýaşamagyň ýoly kändir,
Saňa ýalan, maňa çyndyr,
Pasyl hem çalşyp durandyr,
Gyş geçer, ýaza sabyr et!

## Şükür et

Synag üçin gelinendir,
Ýagty jahana şükür et!
Niýet-päli tutup düzüw,
Berlen hakyňa şükür et!

Gadyr bilmez her bir kişi,
Ýagşylyk hem merdiň işi,
Ömrümiziň göwher gaşy,
Sagat janyňa şükür et!

Uýalmagyn pespällikden,
Hiç haýyr ýok men-menlikden,
Gaýra dur tekepbirlikden,
Sabyr-takada şükür et!

Galdyrjak bolgun ýagşy at,
Bilgin, jan bize amanat,
Her bir deme bar hasabat,
Ýagty jahana şükür et!

Bela başy dildenmişin,
Köpler muny bilmezmişin,
Gep-gybat ýol almazmyşyn,
Herhal hak söze şükür et!

Ýerin bilip harç etmeli,
Hak işe niýetlemeli,
Ilki mätäje ýetmeli,
Gadyr bilýäne şükür et!

Ata-ene, dogan, zürýat,
Maşgala – bu mukaddes zat,
Yzyňda galsyn ýagşy at
Barlyga, bagta şükür et!

Käbäň eneň, kyblaň ataň,
Öňünde bolmasyn hataň,
Başa täç et, hatyrasyn
Saklap, baryna şükür et!

## Ökünmegin

Gulak goýgun, eý, adamzat,
Owal saglyk, soň galan zat,
Hassalykdan bolgun azat,
Soň giç duýup ökünmegin.

Ýaşlyk edip gyňyr bakma,
Her kimiň sarpasyn sakla,
Eneň beren süýdün hakla,
Soň ýaş geçip ökünmegin.

Allaň beren rysgalyny,
Bihal görme, bilgin şuny,
Nesip etmez kişiň haky,
Göz dikip, soň ökünmegin.

Munda her kes synagdadyr,
Kimsi garyp, kimsi baýdyr,
Ahyretde hasap bardyr,
Iman gazan, ökünmegin.

Bidöwlete ýaran diýme,
Bir tabakdan tagam iýme,
Gaýymlygy elden goýma,
Syryň berip, ökünmegin.

Bir iş etseň, bitin etgin,
Ilki aňyrsyna ýetgin,
Az geplegin, köp diňlegin,
Ýalňyşyp, soň ökünmegin.

Jahan giňdir, ýol inçedir,
Bu ötegçä geçelgedir,
Jomartlyk merdiň işidir,
Töwekgel bol, ökünmegin.

## Ömür ýoly

Zähmet çekip, deriň dökseň topraga,
Yhlasa myratdyr, miwesi bolar.
Hiç bolman ömrüňde ýeke bag ekseň,
Soňky nesillere ýadygär galar.

Bereketli ýeriň eýin ýetirseň,
Tohumyň şineläp, müň bolup galar.
Halypa-şägirtlik ýolundan gitseň,
Öwrenip-öwreden amalyň galar.

Ene-ataň hergiz halyn sorasaň,
Gaýry zat istemez, göwni hoş bolar,
Çagaňa edep hem terbiýe berseň,
Abat öý-ojagyň, dowamyň galar.

Hemişe hakykat ýolundan gitseň,
Edýän işiň mydam oňuna bolar,
Her kimiň edeni alnyna geler,
Ýagşy hem ýaman hem ýadyňda galar.

Haýyr işler bilen beze älemi,
Ýagşylyga tutup niýet-päliňi,
Söýüp bu Watany, türkmen ilini,
Ýaşalan her bir gün bagt bolup galar.

## Mazmuny

HALKYŇ ARKADAGLY ZAMANASY

Döwletli Diýar ....................4
Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly
at-myradyň mekany ....................5
Arkadagly Serdarym ....................6
Buýsançnama ....................7
Watan ....................8
Köňül senasy ....................9
Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ....................10
Arkadag ....................11
Milli Lider Arkadagym, Arkadagly Serdarym ....................11
Arkadagly Serdarym ....................12
Arkadagly Serdar geldi ....................13
Gahryman Serdar bilen ....................14
Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ....................16
Arkadagdyr ....................17
Arkadag ....................19
Bagt şäherim Arkadag ....................20
Türkmenistan ....................22
Şöhrat ....................24
Eziz Watan ....................25
Türkmenistanym ....................26
Watan hakda ....................27
Ata Watanym ....................29

Aşgabadym ....................................................................................30
Watanymdan aýyrma........................................................................32
Watana söýgi ................................................................................33

WATAN WASPY

Soňlanmajak söýgi .........................................................................35
Watandyr ......................................................................................36
Bitarap Türkmenistan......................................................................37
Diýarym ösüş ýolunda .....................................................................38
Türkmenimiň tebigaty......................................................................39
Diýarym .......................................................................................40
Bereketli topragym..........................................................................41
Guwanjym Watan............................................................................42
Aşgabadyň gijeleri ..........................................................................43
Watan goýnunda .............................................................................44
Eziz Watanym! ...............................................................................45
Watanym .......................................................................................46
Mukaddesdir Watan, bakydyr Watan ...................................................47
Baýdagym ......................................................................................48
Buýsançnama .................................................................................49
«Hakyda göwheri» ...........................................................................50
Türkmen gyşy ................................................................................51
Nusgalyk kitap ...............................................................................52

BAGTYÝARLYK NAGMALARY

Şat durmuş ....................................................................................54
Täze ýyl goşgusy ............................................................................55
Owadan .......................................................................................56
Sportumyz.....................................................................................57
Zenanlar baýramy ...........................................................................58
Ene mähri .....................................................................................59

Bu bagtyýar günler, bu toýly günler ....................60
Beýik Pyragy....................61
Ýaz ....................62
Nowruz geldi....................63
Ýaz ylhamy ....................64
Bahar geldi ....................65
Diýar ....................66
Bedewler ....................67
Toýlaryň bezegi....................68
Tylla toprak ....................69
Ýürek joşgunym....................70
Şirin owaz ....................71
Ak arzuwlar....................72
Danalaryň pähimi....................73
Daýhan ....................74
Säher ....................75
Köňül guşum ....................76
Ýaz ýakymy ....................77
Diýarym ....................78
Bahar görki....................79
Akja gar ýagýar....................80
Gurban baýramy....................81
Aşgabadyň gijesi ....................82
Türkmeniň....................83
Türkmen haly ....................84
Baýdagym ....................85
Daglar....................86
Awaza....................87
Ülkämiň tebigaty....................88

DUÝGY SALLANÇAGY


Türkmen gyzy ...........................................................................................90
Enäň öwüdi ..............................................................................................91
Kamar aga uzak ýaş arzuw edýän.........................................................92
Synpdaş oglanlar, synpdaş gyzlar .........................................................93
Öwüt.........................................................................................................94
Gitsem .....................................................................................................95
Leýliniň dilinden salam...........................................................................96
Azaşanam tapsa ýagşy yzyny.................................................................97
Ýaşlygym ................................................................................................99
Söwer ýaryň bolmasa............................................................................100
Ýatdan çykarma ....................................................................................101
Amanmy?...............................................................................................102
Göwnaçyk gyz .......................................................................................103
Ogul........................................................................................................104
Gyz .........................................................................................................105
Müň alada bir iş bitirýän däldir.............................................................106
Ýalňyzlyk derdi......................................................................................108
Täze ýyl..................................................................................................109
Aýrylmasyn............................................................................................110
Gaýgyrma...............................................................................................111
Gyz duýgusy ..........................................................................................113
Aýtsana .................................................................................................114
Gözel ......................................................................................................115
Iru-giç tanalar kimiň kimdigi ................................................................116
Hak hakyna gowuşjakdyr......................................................................117
Läligim....................................................................................................119
Gysganma ..............................................................................................120
Durmuşdan bir parça.............................................................................122
Teň bolar ...............................................................................................123

Synpdaşlar ........................................................................................124
Öwrenmegiň çägi ýokdur.........................................................................125
Kakam ................................................................................................126
Gyz agtygymyň toýuna ............................................................................127
Nazar eýle ..........................................................................................128
Magtymguly Pyragy.................................................................................129
Hoş indi ..............................................................................................130
Gutlag.................................................................................................131
Ýatlaýan seni........................................................................................133
Gutly bolsun! .......................................................................................134
Söýenç jan ...........................................................................................135
Toýuň mübärek bolsun! ...........................................................................136
Pagtaçy gözel .......................................................................................137
Sen onda, men munda, ýar!.......................................................................138
Pent ....................................................................................................139
Joşgun ................................................................................................140
Söwer ýar ............................................................................................141
Güller bilen .........................................................................................142
Ömürbaky ýanýoldaşym ...........................................................................143
Ýola çyksaň ýagşy adamlar bilen ...............................................................144
Durmuş kyssasy ...................................................................................145
Bu ýalançyň gurluşy ..............................................................................147
Aýdyşyk ..............................................................................................148
Gutlag.................................................................................................150
Göwnüm..............................................................................................152
Ýatla...................................................................................................154
Ýada düşdi ..........................................................................................155
Unutma...............................................................................................156
Göz ýetirdim ........................................................................................158

Pent ..........................................................................................159
Ak mekdebim...............................................................................161
Ähli zatdan ileri...........................................................................162

KALP OWAZLARY

Arzuw..........................................................................................164
Güýzüm geldi..............................................................................165
Bedewler .....................................................................................166
Täze ýyl.......................................................................................168
8-nji mart gutlagy........................................................................170
Dokmaçylar..................................................................................171
Arzuw..........................................................................................173
Güle-güle.....................................................................................174
Saçyň...........................................................................................176
Dildar ..........................................................................................178
Söýgi ...........................................................................................179
Sallanyp geçen gözel...................................................................181
Perizadym ...................................................................................182
Oýlanma......................................................................................183
Bu durmuşyň ýollary...................................................................185
Nesihat ........................................................................................187
Şükür et .......................................................................................189
Ökünmegin..................................................................................191
Ömür ýoly ...................................................................................193

*Rahman DÖWLETOW*

# GÖWÜN GÜZERI

(goşgular)

Redaktor *O. Saparowa*
Surat redaktory *O. Poladowa*
Teh. redaktor *Ş. Gurbangeldiýewa*

A-118028
Çap etmäge rugsat edildi 18.02.2026. Ölçegi 60x84 $^1/_{16}$.
Şertli çap listi 11,63. Şertli reňkli ottiski 23,51.
Çap listi 12,5. Hasap-neşir listi 7,45.
Sargyt № 4. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.